TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GARAŞSYZ DÖWLETIMIZDE ÄHLI ULGAMLARDA ULY ÖSÜŞLERIŇ GAZANYLMAGY, ÝURDUMYZYŇ YKDYSADY TAÝDAN BARHA KUWWATLANMAGY TÜRKMEN HALKYNYŇ PARAHAT, BAGTYÝAR DURMUŞYNY ÜPJÜN EDÝÄR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
14-nji iýul, 2023. Belgisi 28/1542



# OBA HOJALYK IŞLERI TALABALAÝYK ALNYP BARYLÝAR

**10-njy iýulda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işleriň barşy bilen bagly meselelere garaldy.**

Welaýatlaryň häkimleri ekin meýdanlarynda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdiler. Bellenilişi ýaly, ýygnalan bugdaý hasyly kabul ediş bölümlerinden ammarlara we elewatorlara öz wagtynda, ýitgisiz daşalýar. Geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekiljek meýdanlarda sürüm we tekizleýiş işleri talabalaýyk ýerine ýetirilýär. Welaýatlaryň gowaça ekilen meýdanlarynda ideg işleri agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda alnyp barylýar. Ýeralmanyň, gök-bakja we beýleki oba hojalyk ekinleriniň ekişine taýýarlyk görülýär.

Şu ýylyň güýz möwsüminde ýeralmanyň we beýleki oba hojalyk ekinleriniň ekişine taýýarlyk görmek boýunça zerur çäreler durmuşa geçirilýär. Şeýle hem häkimler Oba milli maksatnamasyna, ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna laýyklykda, şu ýyl welaýatlarda ýerine ýetirilmegi meýilleşdirilen gurluşyk işleri barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, möwsümleýin oba hojalyk işleri ýerine ýetirilende agrotehnikanyň kadalarynyň berjaý edilmeginiň möhümdigini belledi hem-de bu babatda häkimlere anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda alnyp barylýan oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýygnalan bugdaý hasylyny kabul ediş bölümlerinden ammarlara we elewatorlara öz wagtynda daşamak hem-de ýerleşdirmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Geljek ýylyň hasyly üçin bugdaý ekiljek meýdanlarda sürüm, tekizleýiş işleri dowam edýär. Şunda oba hojalyk tehnikalaryndan netijeli peýdalanylýar.

Ýurdumyzyň gowaça meýdanlarynda üçünji we dördünji hatarara bejergi, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek we ösüş suwuny tutmak işleri agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilýär. Ýazlyk ýeralma, beýleki gök-bakja ekinleri ekilen meýdanlarda ýetişdirilen hasyly ýygnap almak we bu önümler bilen içerki bazarlary üpjün etmek boýunça işler dowam edýär. Güýz möwsüminde ekilmegi meýilleşdirilýän ýeralma we beýleki gök-bakja ekinleriniň ekiljek ýerlerini hem-de olaryň tohumlaryny möwsüme taýýarlamak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Şeýle hem wise-premýer Daşoguz, Lebap welaýatlarynyň şaly ekilen meýdanlarynda ideg işleriniň, Mary welaýatynda bolsa gant şugundyrynyň ekişiniň dowam edýändigini habar berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, häzirki wagtda dowam edýän oba hojalyk işleriniň agrotehnikanyň kadalaryny berk berjaý etmek arkaly ýerine ýetirilmeginiň zerur talap bolup durýandygyny belledi we bugdaý ekiljek meýdanlarda taýýarlyk işleriniň bellenen möhletlerde, ýokary hilli geçirilmegini, gowaça we şaly ekilen meýdanlarda ideg işleriniň talabalaýyk alnyp barylmagyny, gant şugundyrynyň ekişiniň meýilnama laýyklykda ýerine ýetirilmegini, güýz möwsüminde geçiriljek ekiş işlerine ýokary guramaçylyk derejesinde taýýarlyk görülmegini gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz iş maslahatyna gatnaşyjylara ýüzlenip, häzirki wagtda oba hojalyk pudagynyň öňünde durýan wajyp wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegine jogapkärçilikli çemeleşmegiň möhümdigine ünsi çekdi hem-de bu ugurda alnyp barylýan ähli işleriň ýokary hilli geçirilmegini üpjün etmek babatda degişli tabşyryklary berdi.

## YNSANPERWER ÝÖRELGELERIŇ BEÝANY

Şu günler ýurdumyzyň ministrliklerinde we pudak edaralarynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly täze kitabynyň tanyşdyrylyş dabaralary geçirilýär.

«Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýyly» şygary astynda geçýän ýylda ýurdumyzyň taryhyna altyn harplar bilen ýazylan şanly wakanyň – Arkadag şäheriniň açylyp ulanmaga berilmeginiň öňüsyrasynda neşir edilen bu edebi-filosofik eser Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ýeten belent sepgitleri, ýurdumyzyň taryhyndaky ähmiýetli wakalar, halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda nesilden-nesle geçip gelýän milli ruhy-ahlak gymmatlyklary baradaky maglumatlary, Gahryman Arkadagymyzyň çuňňur manyly pikir-garaýyşlaryny, öwüt-ündewlerini özünde jemleýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň köpugurly edebi döredijiliginde halkymyzyň belent ynsanperwer ýörelgeleri beýanyny tapýar. Gahryman Arkadagymyzyň pähim-paýhasyndan dörän bu täze eserde dünýä medeniýetine mynasyp goşant goşan şöhratly ata-babalarymyzyň durmuş filosofiýasy beýan edilýär. Bu kitap hormatly Arkadagymyzyň «Döwlet guşy», «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi», «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym», «Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar», «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi», «Ömrümiň manysy» ýaly eserleriniň logiki dowamydyr.

Täze kitap «Ömrümiň manysy – il-halkym», «Hakydada orun alan pursatlar», «Ýagşy adam ýatdan çykmaz», «Watan – enäniň kalby», «Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmek ugrunda», «Terbiýe – bagtyýarlygyň çeşmesi», «Mertebeli ýaşaýşyň manysy» hem-de «Ömrüňiz uzak bolsun!» atly bölümlerden ybarat bolup, olarda beýan edilýän garaýyşlar okyjyny döwletli döwranymyz, şöhratly taryhymyz, medeniýetimiz hakyndaky çuňňur oýlaryň dünýäsine atarýar. Neşir garalýan meseleleriň köpdürlüligi, diliniň baýlygy we düşnükliligi bilen tapawutlanýar. Eserde halk döredijiliginiň, geçmişiň görnükli şahsyýetleriniň, filosoflaryň pähimli sözleriniň ulanylmagy hem-de edebi taýdan ussatlyk bilen beýan edilmegi türkmen halkynyň baý ruhy dünýäsine düşünmäge gollanma bolup hyzmat etjek bu kitabyň ähmiýetini has-da artdyrýar. Şeýle hem kitabyň sahypalarynda Gahryman Arkadagymyzyň öz ömrüniň manyly menzilleri hakyndaky ýatlamalary, her bir ynsan üçin, galyberse-de, bütin adamzat üçin gymmatly bolan arzuw-umytlar, duýgy-düşünjeler, pikir-garaýyşlar, Watanymyzyň ösüş menzilleri beýan edilýär.



Gahryman Arkadagymyz her bir eserinde beýik alymlaryň we filosoflaryň pähimlerini mysal getirýär. Çuňňur many-mazmuna ýugrulan täze eseriň bütin dowamynda Gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň terbiýeçilik äheňli, çuňňur mazmunly goşgularyndan tymsallaryň getirilmegi bu iki şahsyýetiň paýhas ummanynyň, dünýägaraýşynyň, aňyýet kämilliginiň täsin sazlaşygydyr.

«Hakydada orun alan pursatlar» atly bölümde ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamynyň binýadyny berkitmek, döwrebap lukmançylyk-şypahana hyzmatlaryny ýola goýmak, çagalaryň sagdyn ösüşini üpjün etmek, ýaşlary ählitaraplaýyn goldamak ýaly möhüm işleri durmuşa geçirmek boýunça gazanylan guwandyryjy netijeler beýan edilýär. ■ 2

## TÜRKMEN-ÝAPON HYZMATDAŞLYGY PUGTALANÝAR

11-nji iýulda Ýaponiýanyň daşary işler ministriniň parlament işleri boýunça orunbasary Ýumi Ýoşikawa ýurdumyzyň Daşary işler ministrliginde we Mejlisinde duşuşyk geçirdi. Duşuşyklarda türkmen-ýapon hyzmatdaşlygynyň syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlar boýunça ileri tutulýan wezipeleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Dostluk, ynanyşmak hem-de özara düşünişmek ýörelgeleri esasynda köp ýyllaryň dowamynda alnyp barylýan türkmen-ýapon döwletara gatnaşyklary has-da ösdürilýär. Şeýle hem Parlament diplomatiýasyna uly ähmiýet berilýär. Muňa ikitaraplaýyn syýasy hyzmatdaşlygyň möhüm bölegi bolup durýan türkmen-ýapon parlamentara gatnaşyklary şaýatlyk edýär. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň geçen ýylyň sentýabrynda Ýaponiýa amala aşyran sapary möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.



Taraplar Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň häzirki döwrüň möhüm meseleleri boýunça abraýly halkara düzümleriň çäklerinde, ilki bilen, BMG-de alyp barýan netijeli hyzmatdaşlygyny nygtadylar we özara bähbitli gatnaşyklary mundan beýläk hem çuňlaşdyrmak babatynda «Merkezi Aziýa + Ýaponiýa» formatynyň çäklerinde işjeň hyzmatdaşlyga ygrarlydygyny bellediler.

### ÝAPONIÝA HAKYNDAKY KITAPLAR SOWGAT BERILDI

Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň guramagynda Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet kitaphanasyna Ýaponiýa hakyndaky iňlis dilinde neşir edilen kitaplary sowgat bermek dabarasy geçirildi. Oňa Aşgabatda saparda bolýan Ýaponiýanyň daşary işler ministriniň parlament işleri boýunça orunbasary Ýumi Ýoşikawanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet, kitaphananyň işgärleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar. Bu çäre 2008-nji ýyldan bäri bütin dünýäde hereket edip gelýän «Read Japan Project» taslamasynyň çäklerinde geçirildi. Syýasy, ykdysady, çeper edebiýatlary özünde jemleýän Ýaponiýa hakyndaky kitaplaryň 156-sy Döwlet kitaphanasynyň daşary ýurt edebiýatlary bölüminiň kitaplarynyň üstüni ýetirdi. Döwrebap kitaphananyň kitap tekjelerinde orun alan, ýokary hilli çaphana usulynda çap edilen neşirler ýapon edebiýaty, medeniýeti, sungaty, tebigaty bilen gyzyklanýanlara uly gollanma bolup hyzmat eder.



Saparyň çäginde Ýaponiýanyň daşary işler ministriniň parlament işleri boýunça orunbasary Ýumi Ýoşikawa Gahryman Arkadagymyzyň golaýda çapdan çykan «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly täze kitaby sowgat berildi. Kitabyň «Ýagşy adam ýatdan çykmaz» atly bölüminde Milli Liderimiz Ýaponiýanyň ozalky Premýer-ministri, merhum Sindzo Abe hakyndaky ýatlamalaryna ýer beripdir.

Ýaşlar ýurdumyzda ýapon dilini içgin öwrenýärler. Ýokary okuw mekdepleriniň 6-synda ýapon dili kafedralary hereket edýär, şeýle-de paýtagtymyzdaky 12 sany orta mekdepde ýapon dili öwredilýär.

**Syýahatçylaryň sanynda taryhy rekord goýdy**
Maý aýynda Ispaniýa gelen daşary ýurtly syýahatçylaryň sany ýyllyk hasabynda 17,6% ýokarlanyp, 8,2 million boldy diýip, INE milli statistika edarasy habar berdi. ■ 4

**Dünýäniň täsin akwaparklary**
Tomus paslynda tebigatyň dürli ýerlerinde dynç alyşlar guralýar. Bu pasylda howanyň gyzýandygy sebäpli, esasan hem, suwly we salkyn ýerler saýlanýar. Dynç alşyň dowamynda çeper eserler okalýar, küşt-şaşka oýnalýar we welosipedli gezelençler guralýar. ■ 5

**Ýylyň iň köp girdeji gazanan 10 filmi**
Ýylyň ýarysyndan gowragy tamamlanyp, 2023-nji ýylyň ilkinji 6 aýynda görkezilen filmlere seredenimizde, iň köp girdeji gazanan ekran eseri «Doganlar Super Mario filmi» (The Super Mario Bros. Movie) atly animasiýa boldy. ■ 6

**Çärýek finalyň çekeleşikli geçen duşuşyklary**
Beýik Britaniýanyň paýtagty Londonda möwsümiň 3-nji «Uly tuwulgasy» bäsleşigi – «Wimbledon» tennis ýaryşy tamamlanyp barýar. ■ 7

# YNSANPERWER ÝÖRELGELERIŇ BEÝANY

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Hususan-da, bu bölümde Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlary esasynda döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň işi barada giňişleýin gürrüň edilýär. Bu pikirler gaznanyň adynda bar bolan «sahawat», «ýagşylyk» ýaly düşünjeleriň mazmuny esasynda açylyp görkezilýär.

Täze neşiriň aýry-aýry bölümleri daşary ýurtlar hem-de görnükli syýasatçylar bilen dostlukly gatnaşyklaryň taryhyna bagyşlanypdyr. Türkmenistanyň halkara gatnaşyklardaky çözgütleri, ilkinji nobatda, dost-doganlyk ýörelgesine esaslanýar. Şunuň esasynda bolsa ýurdumyz dünýä döwletleri, abraýly halkara guramalar bilen köptaraply hyzmatdaşlygy, birek-birege hormat goýmak ýörelgelerine daýanýan hoşniýetli goňşuçylygy barha pugtalandyrýar, özara bähbitli, ösüşiň uzak möhletleýin maksatlaryndan gelip çykýan dostlukly gatnaşyklary ýygjamlaşdyrmaga aýratyn ähmiýet berýär. Bu ýörelgeler Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary esasynda has-da berkedi.

Kitabyň «Watan – enäniň kalby» atly bölüminde Milli Liderimiz mähriban käbesi Ogulabat ejäniň hem-de kyblasy Mälikguly aganyň manyly ömürleri barada gymmatly maglumatlary getirýär. Hormatly Arkadagymyzyň mähribanlarynyň il-ýurduna, mähriban ojagyna, nesil terbiýesine bagyşlan durmuş ýoluny watansöýüjiligiň, ynsanperwerligiň, adamkärçiligiň, zähmetsöýerligiň, hoşniýetliligiň belent nusgasy hökmünde suratlandyrýar. Ogulabat eje we Mälikguly aga çagalaryny türkmen maşgalasynyň iň gowy däplerine laýyklykda terbiýelediler, perzentleriniň kämil şahsyýetler, mynasyp ynsanlar bolup ýetişmekleri üçin ähli tagallalary etdiler. Ene-atanyň terbiýesi we şahsy göreldesi Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň durmuş ýoluny kesgitledi.



Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan ýokary çaphana usulynda çap edilen kitap köpöwüşginli fotosuratlar bilen bezelipdir. Bu eser Gahryman Arkadagymyzyň ynsanperwer işlerini, her bir türkmenistanlynyň abadançylygyna gönükdirilen taýsyz tagallalaryny açyp görkezýär.

Tanyşdyrylyş dabaralarynda çykyş edenler türkmen halkynyň Milli Lideriniň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly täze kitabynyň jemgyýetiň aňyýetine oňyn täsir etmekde ägirt uly ähmiýetini bellediler. Onda milletimiziň taryhy mirasy barada gürrüň berilýär. Munuň özi ata-babalarymyzyň şöhratly ýollarynyň mynasyp dowam etdirilýändiginiň subutnamasydyr. Çykyş edenleriň nygtaýyşlary ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň bu kitaby türkmen halkynyň taryhyna has giňişleýin garamaga, milli özboluşlylygy, däp-dessurlary, durmuş ýörelgeleri bilen tanyşmaga, halkymyzyň dünýäniň ylmy, ykdysady, medeni ösüşine goşan saldamly goşandyna düşünmäge mümkinçilik berýär. Onda ata-babalarymyzyň beýik işleri, edep-terbiýe, ruhy gymmatlyklar, mukaddes Garaşsyzlygymyz, hemişelik Bitaraplygymyz, türkmen topragynyň gülläp ösüşleri hakynda söz açylýar we taryhyň, şu günüň, geljegiň özara baglanyşygy barada çuňňur oýlanmalar beýan edilýär.

## Ýangyna garşy berjaý edilmeli düzgünler

Häzirki yssy howaly günleriň dowam edýän döwründe tebigaty goramak meselesi has hem möhüm bolup durýar. Bu zerurlyk, aýratynam, emeli tokaýlyklary goramakda ýiti duýulýar. Şonuň üçin hem tebigata gezelenje çykan wagtymyz her bir hereketimiziň dürs bolmagyny gazanmagymyz gerek. Tebigata aýawly çemeleşmegiň kadalaryny jikme-jik ýerine ýetirmegi endik edinmeli. Tebigata gezelenje çykylanda ot ýakmak bolanok, munuň özi bag-bakjaly ýerlerde uly ýangynlaryň döremegine getirip bilýär. Görüňmäge başynda dursaň şeýle hadysalar bolmajak ýalydyr welin, güýçli şemaldan ýa-da ýangynyň döremegine getirip biljek beýleki ýagdaýlardan habardar bolup, hüşgärligi elden bermeli däl. Eger ot ýakylan bolsa, onuň doly öçendigine göz ýetirmeli, ot ýakylan ýere gum sürüp, közüni mazaly öçürmeli. Tebigatda çalgy ýagy ýa-da ýeňil ýanyjy suwuklyklar siňen matalary,




söndürilmedik çilim, döwlen çüýşe ýa-da aýna bölekleri taşlansa Günüň şöhlesine gyzyp, oduň döremegi mümkin. Mundan başga-da, awtoulagyň tüsseçykarynyň gurat bolmagy barada alada etmeli.

Tokaýlary ýangyn howpundan goramak işine degişli edara-kärhanalar hem öz goşandyny goşýarlar. Ösüp oturan daragtlaryň arasyny haşal otlardan arassalamak, hatar hem zolak aralarynda sürüm işlerini geçirip, ýangyn howpsuzlyk zolaklaryny döretmek, ýygylan otlary ýörite ulaglaryň kömegi bilen bellenen ýerlere çykarmak ýangyn hadysalarynyň öňüni almaga uly ýardam berýär.

Ýene bir derwaýys ýagdaýy ünsden düşürmek bolmaz. Tebigata gezelenje çykylanda kimdir biriniň ýangyn howpuny döretjek hereketlerini görsek, bu zatlaryň soňunyň öwezini dolup bolmajak nogsanlyklara eltip biljekdigini düşündirmek her birimiziň raýatlyk borjumyzdyr. Çünki, tebigat biziň baýlygymyz, ony goramak bolsa biziň ählimize degişlidir.

**Ýazmuhammet AKMEDOW,**
*Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň ýanyndaky Ýangyn howpsuzlygy müdirliginiň wagyz-nesihat bölüminiň müdiri.*

## DÜNÝÄ ILATY KÖPELÝÄR

Her ýylyň 11-nji iýuly Bütindünýä ilat güni hökmünde bellenilýär. Bu senede dünýä ilaty barada maglumatlar ýaýradylýar. Maglumatlara görä, dünýä ilaty geçen ýyl 8 milliarddan geçdi. Birleşen Milletler Guramasynyň maglumatlaryna görä, dünýä ilaty 1999-njy ýylda 6 milliarda, 2011-nji ýylda 7 milliarda, 2022-nji ýylda 8 milliarda ýetdi. BMG-niň Ilat gaznasynyň (UNFPA) maglumatlaryna görä, häzirki wagtda Ýer ýüzüniň iň köp ilatly ýurdy Hindistan hasaplanýar. Şu ýyl Hytaýdan öňe geçen bu ýurduň 1 milliard 428 million 600 müň töweregi ilaty bar. Hytaýyň 1 milliard 425 million 700 müň, üçünji orundaky ABŞ-nyň 340 million ilaty bar. Dünýäde erkekleriň ortaça ýaşy 71, aýallaryňky 76. Ilat gaznasynyň maglumatlaryna görä, ilat, esasan, 8 ýurtda has köp artyp, olar - Demokratik Kongo Respublikasy, Müsür, Efiopiýa, Hindistan, Nigeriýa, Pakistan, Filippinler we Tanzaniýadyr. Bu ýurtlar 2050-nji ýyla çenli dünýädäki ilat artyşynyň ýarysyny emele getirer.

Geçen ýylky maglumatlara görä, Ýer ýüzüniň ilaty 2030-njy ýyla çenli 8,5 milliard, 2050-nji ýylda 9,7 milliard, 2100-nji ýylda 10,4 milliard bolar.

**ILAT SANY KÖPELÝÄR**

Dünýäde ilat köpelýän hem bolsa, artyş tizliginiň ýuwaşaýandygy mälim edildi. Maglumatlarda adam ömrüniň uzamagy bilen ilat artyşynyň dowam edýändigi, şeýle-de bolsa, çaga dogrumynyň pese gaçmagy bilen artyş tizliginiň peselýändigi mälim edildi. Halkara migrasiýa dünýäniň käbir ýerinde demografik üýtgeşmä we ilatyň sebitlere görä ýerleşmeginde esasy sebäp bolmagyna galýar.

Dünýäniň käbir ýurdunda ilat azalýar. Birnäçe ýyllap dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolan Hytaýyň gury ýer böleginiň 2021-nji ýylda 1 milliard 412 million 600 müň ýaşaýjysy bolan bolsa, geçen ýyl bu görkeziji 1 milliard 411 million 800 müňe düşdi. Şeýlelikde, 2022-nji ýyl Hytaýda iň az çaga doglan ýyl bolupdyr. Şu ýyldan başlap ýurduň ilatynyň azalmagy dowam edip, 2050-nji ýylda 1 milliard 317 milliona düşjekdigi mälim edildi.



Asyryň ahyrynda bolsa, ýurduň ilatynyň 766 milliona çenli azaljakdygy çaklanylýar.

Ilaty azalýan ýurtlaryň biri hem Ýaponiýadyr. 2020-nji ýylda 126,1 million ilaty bolan ýurt 2056-njy ýylda 100 milliondan az ilatly döwletleriň hataryna goşular.

Bolgariýanyň Milli statistika institutynyň maglumatlaryna görä, ýurduň ilaty soňky ýyllarda 11 göterim azalypdyr. 2007-nji ýyldan soň 2,5 million töweregi ýaşaýjy beýleki Ýewropa ýurtlaryna göçüpdir. Ýurtda çaga doglyşy hem azalýar.

Serbiýanyň Statistika edarasynyň geçen ýylyň oktýabr aýynda geçiren ilat ýazuwyna görä, ilat 2011-nji ýyldan bäri 6,9 göterim azalyp, 6 million 690 müň 887 bolupdyr.

**Laçyn NEPESOWA,**
*Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrabynyň Pensiýa gaznasynyň bölüminiň başlygy,*
*Aşgabat şäher Berkararlyk etrap Halk Maslahatynyň agzasy.*

## Gymmat bahadan satylmagyna garaşylýar

**«Sotheby's» auksion öýi täsin zady şatuwa çykarjakdygyny mälim etdi. Nýu-Ýorkda guraljak söwdada 83 million ýyl ozal ýaşap geçen, uçup bilýän pteranodon atly jandar hem-de plesiosaur atly süýreniji jandaryň skeletleri satuwa hödürlener. Uçýan jandaryň ganaty açylanda 6 metre ýetýär, süýrenijiniň uzynlygy 3,3 metre barabar.**



**Auksion öýüniň wekilleri pteranodonyň 2002-nji ýylda ABŞ-nyň Kansas ştatynda irki döwürlerde Demirgazyk Amerika ýaýlymyny ikä bölen deňizden tapylandygyny mälim etdi. Häzire çenli ýaşap geçen iň uly ganatly jandarlaryň biri hasaplanýan pteranodon suwuň ýüzünde uçupdyr we uzyn çüňki bilen aw edipdir. Jandaryň ähli süňkleriniň diýen ýaly abat saklanyp galandygy mälim edildi. Auksion öýüniň ýolbaşçylary pteranodonyň 4-6 million dollar aralygynda satylmagyna garaşýarlar.**

**Plesiosaur atly süýreniji jandar bolsa, 1990-njy ýyllarda Angliýanyň Glosterşir şäherinden tapylypdyr. Bu jandaryň 190 million ýyl ozal ýaşap geçendigi mälim edilýär. Bu ekspónatyň 600-800 müň dollar aralygynda satylmagyna garaşylýar.**

**Dünýä belli «Sotheby's» auksion öýi ilkinji gezek 1997-nji ýylda «Sue» atly «Tyrannosaurus rex» dinozawrynyň galyndysyny satdy. Şondan bäri birnäçe dinozawr galyndysyny satuwa hödürlän auksion öýi indi taryhy öwrenmekde gymmatly hazyna hasaplanýan beýleki jandarlaryň satuwyna hem dellalçylyk edip başlady.**

## Çip önümçiligine 90 milliard ýewro çekdi

Ýewropa Bileleşigi Komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýen geçen ýyl güýje girizilen çip önümçiligine goldaw bermegi maksat edinýän kanun sebäpli 90 milliard ýewrodan gowrak maýa goýumyň çekilendigini mälim etdi. Ýewropa ýurtlary pandemiýa döwründe ýüze çykan çip ýetmezçiligini aradan aýyrmak hem-de global ýarymgeçiriji bazaryndan has köp paý almak maksady bilen önümçiligi ýola goýjak kompaniýalara ýeňillik dörediján kanun teklibini taýýarlapdy. Lýaýen çip kanuny bilen Ýewropany ýarymgeçirijileriň barlagynda, dizaýnynda, synagynda we



önümçiliginde öňdebaryjy ýagdaýa getirmek isleýändiklerini aýdyp, bu kanunyň resmi ýagdaýda şu ýylyň güýzünde güýje girýändigini, emma muňa garamazdan, eýýäm maýa goýumlaryň artandygyny aýtdy. Ýewrokomissiýanyň başlygy geçen ýylyň fewralynda çip önümçiligine goldaw berjän kanuny teklip edendiklerini belledi. Ol Polşada ýarymgeçirijileri gaplamak we synagdan geçirmek üçin 12 milliard ýewro, Germaniýada dünýäde ilkinji gezek gurujak iki uly zawod üçin 30 milliard ýewro maýa goýumyň meýilleşdirilýändigini aýtdy. Onuň sözlerine görä, Irlandiýa, Ispaniýa we Fransiýa ýaly ýurtlarda hem çip önümçiligi üçin maýa goýumlar özleşdirilýär.

## Afrikanyň tebigy gaz gorunyň üçden biri Nigeriýada



Nigeriýanyň Nebit önümçiligini düzgünleşdiriji geňeşiniň başlygy Gbenga Komolafe Afrika yklymyndaky tebigy gaz gorunyň 33 göteriminiň öz ýurdundadygyny belledi. Ýurtda anyklanan gaz gorunyň 94 ýyla ýetip biljekdigi mälim edildi. Maglumatlara görä, ýurt tebigy gaz gory babatda dünýäde dokuzynjy orunda durýar. Ýurduň 5 trillion kubmetr gaz gory bolup, Afrikada Alžirden soňra iň uly ikinji eksportçy hasaplanýar. Geçen ýyl ýurt Marokko-Nigeriýa tebigy gaz geçirijisini gurmak üçin Günbatar Afrika ýurtlary bilen ylalaşyk gazanypdy.

Bu barada Komolafe Halkara energiýa ykdysadyýeti maslahatynda eden çykyşynda maglumat berdi. Komolafe nebit we gaz ýaly ýerasty baýlyklaryň Nigeriýanyň energiýa howpsuzlygy babatda ähmiýetlidigine ünsi çekip, ýeterlik derejede maliýe serişdesi üpjün edilen ýagdaýynda, Afrikanyň köp ýurduny gaz bilen üpjün edip biljekdigini belledi.

Häzirki wagtda Alžir we Nigeriýa ýaly tebigy gaz gorlaryna baý ýurtlar eksportyny artdyrmak üçin köp maýa goýum goýýar. Nigeriýa golaýda suwuklandyrylan gaz eksportyny hem ýola goýdy.

## 230-dan gowrak aeroport gurlar



**Hindistanyň raýat awiasiýasy ministri Jiotiraditýa Madhawrao Şindiýa 2030-njy ýyla çenli 230-240 aeroportuň, heliportlaryň (dikuçar meýdançalarynyň) we suw aerodromlarynyň gurluşygynyň tamamlanmagynyň meýilleşdirilýändigini habar berdi.**

**Ýurtda soňky ýyllarda awiasiýa pudagy görnetin ösýär. Ýolagçy gatnawy 2013-2014-nji ýyllarda 60 million bolan bolsa, häzirki wagtda 145 milliona ýetipdir. Şu ýyl ýolagçy sany her günde 460 müňe ýetip, bu ugurda rekord goýuldy. Şeýlelikde, uçar ýolagçylarynyň sany pandemiýadan ozalky ýagdaýdan öňe geçdi. Golaýda Fransiýanyň paýtagty Parižde geçirilen awiasiýa sergisinde hindi awiakompaniýalary rekord derejede uçar sargyt edipdiler.**

**Ministriň aýtmagyna görä, ýurduň awiaparkynda 2030-njy ýyla çenli 1200-1400 aralygynda howa gämisi bolar. Şol döwre çenli her ýyl ýolagçy sany 3 esse artyp, 420 milliona golaý bolar. Şeýle hem ýurtda uçar arkaly ýük daşamalarynyň ýzygiderli artýandygy bellenildi. Häzirki wagtda Hindistanda 148-e golaý aeroportyň bardygy habar berildi.**

## Elektroulag önümçiligi ösýär



ABŞ-nyň General Motors (GM) hem-de Hytaýyň General Motors (GM) kompaniýalarynyň bilelikde döreden SAIC-GM Hytaýdaky üçünji elektroulag zawodynyň gurluşygyna başlady. Ýurduň gündogaryndaky Şandun welaýatynyň Ýantaý şäherinde gurulýan desgada elektroulaglaryň köpçülikleýin önümçiligi ýola goýlar. Bilelikdäki kompaniýa GM-niň önümçilik platformasy esasynda elektroulag zawodlaryny gurýar. Bu ugurdaky önümçiligi artdyrýan kompaniýa täze taslama üçin 8,8 milliard ýewro bölüp berdi. Önümçilik desgasynyň 2025-nji ýylda işe girizilmegine garaşylýar.

SAIC-GM-niň beýleki iki zawody Şanhaýyň Pudun sebitinde hem-de Uhan şäherinde ýerleşýär. Uhandaky zawod şu ýylyň başynda işe girizildi. Bu ýerde «Buick Electra E5» hem-de «Buick Electra E4» elektroulaglary öndürilýär.

## Hindistanyň ykdysadyýeti ABŞ-dan öňe geçer



ABŞ-nyň iri banklarynyň biri bolan «Goldman Sachs»-yň bilermenleri golaýda dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolan Hindistanyň ykdysadyýeti barada täze çaklamalary ýaýratdylar. Bilermenleriň çaklamalaryna görä, ýurt 2075-nji ýyla çenli ABŞ, Germaniýa we Ýaponiýa ýaly ýurtlardan öňe geçip, dünýäniň ykdysady taýdan kuwwatly ikinji ýurduna öwrüler. 2030-njy ýylda bolsa, Hindistan dünýäde üçünji orna çykar. Ýurtda tehnologiýa babatda gazanylýan ösüşler, köp mukdardaky maýa goýumlary we işçi güýjüniň netijeli işlemegi ýurduň ösüşine goşant goşar. «Goldman Sachs»-yň Hindistan boýunça ykdysatçysy Santanu Sengupta ýurtda girdejiniň artmagy netijesinde has köp maýa goýumyň özleşdiriljekdigini aýtdy. Häzirki wagtda ýurt ABŞ, Hytaý, Ýaponiýa we Germaniýa döwletlerinden soňra ykdysady kuwwaty babatda dünýäniň bäşinji ýurdy hasaplanýar.

Bilermen işlemäge ukyby bolan ýaşdaky adamlaryň sanynyň çagalardan we garrylardan köp bolmagynyň maýa goýumlary añsatlaşdyrýandygyny belledi.

## 200 milliard dollara golaýlady



**Mobil enjamlar telewizor ýa-da filmlere tomaşa etmek, gündelik neşirleri ýa-da kitap okamak, krossword çözmek ýaly dürli maksatlar bilen ulanylýar. Bu enjamlar köpençe oýun oýnamak üçin hem peýdalanylýar. Mobil oýunlar üçin işlenip taýýarlanan oýunlaryň ulanyjysy köp bolup, uly girdeji getirýär. Maglumatlara görä, dünýäde 3 milliarda golaý adam mobil oýunlary oýnaýar. Mobil oýun bazarynyň 195 milliard dollara ýetendigi mälim edildi. Geçen ýyl pandemiýa sebäpli mobil oýun bazary birneme peselen hem bolsa, ösüşi dowam etdirjekdigi bellenilýär. Bilermenler geljek bäş ýylyň dowamynda mobil oýun bazarynyň ortaça 8 göterim boljakdygyny çaklaýarlar. Bu pudak günbatar ýurtlarynda azalýan bolsa, Aziýa we Ýakyn Gündogar ýurtlarynda ösüşini dowam etdirýär. Köp ulanyjy, esasan, el telefonlary arkaly oýun oýnaýan bolsa, kompýuter we konsol oýunlary hem ikinji we üçünji ýerde durýar.**

### BILDIRIŞ

Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Awtoulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlaýan we gaýtadan taýýarlaýan 1-nji okuw merkezi tarapyndan Şemijew Selim Meýlis ogluna berlen «BC» derejeli okandygy baradaky № 0010283 belgili şahadatnamanyň ýitirilendigi sebäpli, onuň güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli.

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýul aýynyň 14-i, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112035
Belgisi: 28/1542
Tiražy: 7900
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat berijі jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Arkadag şäheri – biziň buýsanjymyz

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Arkadag şäheriniň açylyş dabarasy günsaýyn öňe ilerleýän ýurdumyzyň taryhyna altyn harplar bilen ýazyldy. Eziz Diýarymyzyň iň gözel künjeginde, dag eteginde gurlan täze şäher göreni haýrana goýýar. Bu döwrebap bilim we terbiýeçilik merkezinde ýaş nesiller ylym-bilim öwrenerler, ony kämilleşdirerler. Täze şäherde geçirilýän işleriň çäklerinde sanly ulgama aýratyn ähmiýet berilýär. Täze «akylly» şäheriň binagärlik infrastrukturasynyň aýratynlyklary bizi diýseň begendirýär we buýsandyrýar.

Arkadag şäheri dünýä ülňülerine laýyklykda gurlup, ýaşaýşyň täze şertlerini öz içine alýar. Täze şäheriň «Arkadag» diýlip atlandyrylmagy il-günümi-



ziň Garaşsyzlygymyzyň täze taryhynda gazanylan üstünlikleriň, ýetilen sepgitleriň gözbaşynda duran türkmen halkynyň Milli Liderine bolan belent söýgüsiniň dabaralanmasydyr. Ol ýerdäki medeni-durmuş maksatly binalaryň hatarynda sungat mekdepleriniň, medeniýet öýüniň, kitaphananyň, muzeýiň, drama teatrynyň, atçylyk sirkiniň bolmagy täze şäheriň sungatyň, medeniýetiň şäheridigini aýdyň güwäsidir.

Arkadag şäherinde Sahy Jepbarow adyndaky ýörite sungat mekdebi we Şükür bagşy adyndaky çagalar sungat mekdebi, Arkadag şäheriniň Berdimuhamet Annaýew adyndaky mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebi we Saçly Dursunowa adyndaky lukmançylyk orta hünär okuw mekdebi, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasy ýaly bilim ojaklar bolsa, ýaşlara seçip alan hünäri boýunça döwrebap bilim almaga mümkinçilik berer.

«Akylly» şäheriň binalarynyň ýurdumyzyň ösüşlerine uly goşant goşan meşhur şahsyýetlerimiziň atlary bilen atlandyrylmagy halypalarymyza goýulýan çuňňur hormat-sarpadan nyşandyr. Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bolşy ýaly, bu ýerde amala aşyrylýan beýik işler biz talyp ýaşlarda hem ýatdan çykmajak ýakymly täsirleri galdyrýar. Ata Watanymyza, mukaddes topragymyza bolan söýgini artdyrýar. Ajaýyp şäherleri gurduryp, eziz Diýarymyzy jenneti mekana öwürýän, türkmen sungatynyň, medeniýetiniň şan-şöhratyny dünýä ýaýýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza çäksiz minnetdarlygymyzy bildirýäris. Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, belent başy aman bolsun, il-ýurt bähbitli tutumly işleri mundan beýläk-de rowaçlyklara beslensin!

**Aýgül HALLYÝEWA,**
*Türkmen oba hojalyk institutynyň talyby.*

# Aragatnaşyk pudagy ösüş ýolunda

Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň her bir güni şanly wakalara, zähmet üstünliklerine beslenýär. Ähli ulgamlarda ilata edilýän hyzmatlaryň hil derejesi barha ýokarlanýar. Soňky gysga wagtyň içinde aragatnaşyk pudagynda häzirki zaman hyzmatlarynyň birnäçesi üstünlikli durmuşa geçirildi we halkymyzyň arasynda gyzgyn goldawa eýe boldy. «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň «Türkmentelekom», «Altyn Asyr», AŞTU aragatnaşyk kärhanalarynda internet, IP-TV kabel telewideniýesi, öýjükli we simli telefon hyzmatlary üçin onlaýn töleg hyzmatlarynyň we ýeňillikli nyrhnamalaryň döredilmegi guwandyryjy ýagdaýdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjyny dowam etdirýän Arkadagly Serdarymyzyň öňdengörüjilikli syýasatynyň netijesinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ähli pudaklarynda ýokary depginli ösüşler gazanylyp, aragatnaşyk ulgamynda hem uly sepgitlere ýetildi.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan tassyklanan we üstünlikli amala aşyrylýan «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» pudaklary tehnologiýa taýdan özgertmegiň hem-de döwlet tarapyndan dolandyrmagyň, ýurdumyzyň serişdeler we önümçilik kuwwatynyň esasynda ykdysadyýeti ösdürmegiň özboluşly serişdesi bolup durýar. Häzirki wagtda ykdysadyýetiň ähli ulgamlaryna sanly tehnologiýalaryň işjeň ornaşdyrylmagy ýurdumyzyň halk hojalyk toplumyny mundan beýläk-de ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi.

Sanly ykdysadyýet tizlik, amatlylyk, tygşytlylyk düşünjeleri bilen berk baglanyşyklydyr. Dünýäniň ösen ýurtlarynyň tejribesinden görnüşi ýaly, sanly ykdysadyýet ýurduň ösüş depgininiň çaltlanmagyna we sanly tehnologiýalary ulanmagyň hasabyna ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyna, şeýle-de milli ykdysadyýetiň düýbünden tapawutlanýan täze hile geçmegine ýardam berýär. Ýurdumyzda ilata hödürlenýän dürli görnüşli hyzmatlaryň netijeliligini üpjün etmek maksady bilen, durmuş ulgamynyň dürli pudaklaryna sanly innowasiýalary ornaşdyrmak boýunça alnyp barylýan giň gerimli işler öz oňyn netijesini berýär.

«Daşoguztelekom» welaýat elektrik aragatnaşyk kärhanasy hem halka ýokary hilli hyzmat edýän kärhanalaryň biridir. Elektrik aragatnaşyk kärhanasynda Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň ilkinji günlerinden ilata edilýän aragatnaşyk hyzmatynyň möçberini hem-de hilini ýokarlandyrmak, olaryň görnüşini artdyrmak babatda göwnejaý işler alnyp barylýar. Kärhananyň hünärmenleri tarapyndan



welaýatyň ähli ýerlerinde ýokary hilli hyzmatlary üpjün etmäge mümkinçilik berýän sanly aragatnaşyk beketleri oturdyldy. Netijede, häzirki wagtda iň çetki obalaryň ilaty hem sanly aragatnaşyk ulgamynyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanýar. Welaýatymyzda ýörite meýilnama boýunça göz öňünde tutulan 3 müň 400 telefon nokadynyň ýerine olaryň 4 müň 655-si ornaşdyryldy. Welaýatyň çäginde täze ýaşaýyş jaýlarynyň artmagy bilen ilatyň öýlere çekilen hem-de internet ulgamyna birikdirilen telefon nokatlaryna bolan islegi hem ýokarlanýar. Geçen ýylyň dowamynda welaýat boýunça telefon nokatlarynyň 14 müň 841-si ýokary tizlikli internet ulgamyna birikdirildi. Sanly aragatnaşyk beketleriniň işe girizilmegi häzirki zamanyň ösen isleglerine laýyk gelýän beýleki aragatnaşyk hyzmatlaryny ýola goýmaga mümkinçilik berýär. Kärhananyň hünärmenleri geçen ýyl 287 müşderini teleýaýlymlary kabel arkaly görmäge mümkinçilik berýän ulgama birikdirdiler. Ýurdumyzda öýjükli aragatnaşyk, sanly telefon, poçta, internet, telewideniýe, IP-TV hyzmatlary, şeýle hem aragatnaşygyň beýleki görnüşleriniň häzirki zaman ulgamlary doly ornaşdyrylyp, bu hyzmatlar her bir raýatymyza elýeterli edildi.

Häzirki wagtda ýurdumyz halkara ülňülerine laýyk gelýän we maglumat aragatnaşyklarynyň ýokary hilini üpjün edýän milli telekommunikasiýa ulgamynyň ösdürilmegi netijesinde sebitde esasy baglanyşdyryjy merkezi emele getirip, aragatnaşyk ulgamyna dünýäniň iň soňky gazananlaryny, döwrebap tehnologiýalary ornaşdyrmak işi netijeli alnyp barylýar, optiki-süýümli magistral ulgamyny kämilleşdirmek boýunça uly taslamalar amala aşyrylýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda 5 sany döwletara optiki-süýümli maglumat geçiş ugurlary hereket edýär.

Ýurdumyzda alnyp barylýan dünýä ähmiýetli işler, giň gerimli taslamalardyr özgertmeler ata Watanymyzyň beýik sepgitleri nazarlap, olara üstünlikli barýandygyna şaýatlyk edýär. Hormatly Prezidentimiziň yzygiderli tagallalary esasynda aragatnaşyk ulgamynyň ösdürilmegi hem-de bu ugurda halkara hyzmatdaşlygynyň ýaýbaňlandyrylmagy bolsa ýurdumyzyň ösüşleriniň ygtybarly kepili bolup durýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe çalt depginler bilen ösýän aragatnaşyk ulgamynyň kämilleşmegi, ilkinji nobatda, milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlanmagyna itergi berýär. Bu babatda hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda durmuşa geçirilýän işler Beýik Ýüpek ýolunyň täzeden dikeldilip, halkara hyzmatdaşlygynyň has hem giň gerime eýe bolmagyna, parahatçylygyň pugtalandyrylmagyna mynasyp goşandyny goşýar.

Ýurdumyzyň abraýyny has-da pugtalandyrmakda uly işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza uly üstünlikleriň ýar bolmagyny tüýs ýürekden arzuw edýäris.

**Gülnara ÝULDAŞEWA,**
*«Daşoguztelekom» elektrik aragatnaşyk kärhanasynyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramasynyň başlygy.*

# Gün urmadan nädip goranmaly?

Gün dürli şöhlelenmeleriň güýçli çeşmesi bolup, olaryň içinde ultramelewşe şöhlesi has ähmiýetlidir. Adam bedeni üçin az mukdarda, esasan hem, çagalar üçin has zerurdyr. Başgaça aýdylanda, olar adam bedeniniň ösmegi we kämilleşmegi üçin gerek bolan witaminleriň emele gelmegine gatnaşýar. Ýöne çendenaşa güýçli Gün şöhlesi agyr keselleriň emele gelmegine sebäp bolup bilýär. Her bir adam çagalykdan başlap, Gün şöhlesini dürli derejede duýup başlaýar. Ýagny ilki mylaýym ýylylyk, soňra deriniň gyzarmagy. Gün şöhlesiniň uzak wagtlap bedene täsir etmegi deriniň ýanmagyna getirýär. Gün uran adamda ilkibaşda ýadawlyk, ysgynsyzlyk, kellagyry, başaýlanma, aýaklarynda we arkasynda agyry emele gelýär. Soňra gulagynyň şaňlamagy, deminiň gysmagy, ýüreginiň çalt urmagy mümkin.



**GÜN URMADAN NÄDIP GORANMALY?**

☑ Irden sagat 9:00-dan 18:00-a çenli Günüň aşagynda köp durmak maslahat berilmeýär.
☑ Açyk reňkli, nah matadan tikilen ýeňil we giň biçüwli eşikleri geýmeli.
☑ Guşak guşanmasaň, kemer dakynmasaň gowy.
☑ Açyk reňkli başgaplary geýmeli.
☑ Günden goraýan ýörite äýnekleri dakynmak, saýawan götermek maslahat berilýär.
☑ Düzüminde efir ýagy bolan gözellik serişdelerini, atyrlary kosmetolog bilen maslahatlaşyp ulanmaly.
☑ Günüň zyýanly täsirinden goraýan C, PP witaminine baý önümleri köpräk iýmeli.
☑ Günüň dowamynda içilen suwuklygyň (şerbet, mineral suw, gatyk, çal, aýran, dürli şireler) mukdary 2 litrden az bolmaly däl.

**GÜN URMADA ILKINJI KÖMEK**

1. Gün uran adama gyssagly ýagdaýda ilkinji kömek berilýär.
2. Gün uran adamy salkyn ýere (agajyň saýasyna, kölegä, salkyn otaga) geçirmeli.
3. Kemerini, köýnekleriniň iliklerini ýazdyrmaly.
4. Ejir çekýän näsagyň goltuklaryna, boýnuna, döş kapasasyna sowuk suwa öllenen mata bölegini goýmaly.
5. Gün uran adam huşunda bolsa suw bermeli.
6. Ejir çeken adamyň endamyna spirt çalmakdan saklanmaly, onuň spirtli içgileri içmegine ýol bermeli däl. Alkogolly içgiler bedendäki ýylylyk sazlaşygyny bozup, Gün urmanyň täsirini güýçlendirip biler.
7. Tiz kömek gullugy gelýänçä näsagyň ýagdaýyny gözegçilikde saklamaly.

**Annamyrat ŞAGYLYJOW,**
*Aşgabat şäherindäki bejeriş-sagaldyş hassahanasynyň lukmany.*

# Magtymgulynyň edebi mirasynyň ylmy taýdan öwrenilişi

Magtymguly Pyragynyň döredijiligi we danalyk mekdebi halkara derejesinde hem-de milli jemgyýetçilik durmuşynda ylmy diplomatiýanyň rowaçlanmagyna badalga berýän edebi akabalaryň kerwenbaşysy bolup hyzmat edip gelýär. Akyldaryň çeper pikirlenme medeniýeti arkaly döreden söz sungatynyň güýji, hakykata şahyrana kesgitleme bermekdäki setirleri uzak ýyllardan bäri ylmy diplomatiýanyň işini hem ýerine ýetirip gelýär. Ynsanyň aň-düşünjesiniň kämilleşmegine we baýlaşmagyna, türkmen jemgyýetini kämillige ugrukdyryjy watançylyk, ahlak, ylmy medeniýetiniň pajarlap ösmegine söz sungaty arkaly uly goşant goşan akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy ylmy jemgyýetçilikde uly gyzyklanma döredýär. Bilimleriň amaly we nazary ulgamlarynda jemgyýetiň we döwletiň ösüşi, bähbidi üçin amatly bolan, pikirleniş ukyplary, döredijilikli akyl ýetiriş başarnyklary, ynandyryjylykly, hakykat görkezijileri arkaly täze taryhy çözgütleriň, gymmatly açyşlaryň, oýlap tapyşlaryň, tejribeleriň, gözlegleriň we synaglaryň, ygtybarly we takyk derňewleriň, maglumatlaryň, delilleriň we seljermeleriň, taglymatlaryň we salgylanmalaryň üsti bilen geçirilen, utgaşýan, jemgyýetçilik bilimleriň köptaraply ugurlarynda kämilligiň, ussatlygyň, özgerişiň täze basganççaklary bilen ýerine ýetirilen, saýlanylyp alnan işleriň netijeleriniň üstünlikli we maksadalaýyk, mysallar we subutnamalar arkaly esaslandyrylan we tassyklanylan görnüşde ykrar edilmegi ylym hökmünde kabul edilýär. Durmuşda ylmy ilerlemeleriň hem-de ösüşleriň ýaýrawy, gurşawy we bahalandyrylyşy dürli usullar, tapgyrlar arkaly amala aşyrylýar. Ylmy gymmatlyklar ynsany dogry, adalatly, ynsanperwer ýola, zähmet, watançylyk ýeňişlerine, üstünliklerine gönükdirýän häsiýetleri bilen aýratyn tapawutlanýar. Taryhy edebiýatlarda ylym, şahyranalaýk we durmuş bir enäniň üç perzendine meňzedilýär.

1991-2021-nji ýyllar aralygynda bize Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny we magtymgulyşynaslyk ylmynyň esaslaryny öwrenmek, toplamak, ulgamlaşdyrmak hem-de peýdalanmak maksady bilen ýurdumyzyň dürli künjeklerinde ýerleşýän milli, ylmy edaralaryň, ýöriteleşdirilen, pudaklaýyn kitaphanalarynda, arhiw merkezlerinde, gaznalarynda, çeşmelerinde saklanylýan, az sanly we seýrek duş gelýän, umumydöwlet ähmiýetli, halk bähbitli golýazma ýygyndylary, akademiki neşirleriň nusgalary, doktorlyk, kandidatlyk işleri, metbugatda, sene, ýol ýazgylarynda, bibliografik we tekstologik görkezijilerde orun alan synlar, monografiýalar, ensiklopedik sözlükler, dürli dillerdäki medeni-aň bilim we kömekçi edebiýatlary, dürli ýyllarda geçirilen aýratyn gymmatly, düýpli, köptaraply, döwürleýin intellektual ylmy barlaglaryň täzeçil, gyzykly, täsirli binýatlyk toplumlary, dürli redaksion-neşirýat, çaphana önümleriniň tapgyrlary hem-de Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň dürli ýyllarda, dürli dillerde goýberilen köp jiltli habarlary, TYA-nyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň işleri, magtymgulyşynaslyk ylmynda gazanylan tejribeler bilen içgin tanyşmak bagty nesip etdi. Magtymgulyşynaslyk ylmy boýunça bilimleriň toplumlaýyn görnüşlerinde gyzyklanmalarym, gözleglerim bu ugurda ylmy-usulyýet, ylmy-amaly dünýägaraýşymyň giňelmegine ýardam berdi. Agzalan döwürde magtymgulyşynaslyk ylmy bilen bagly bolan iki müňden gowrak düýpli



barlaglar bilen tanyşmagymyz kalbymyzy ganatlandyryp, ylmy ylhamymyza täze badalga berdi.

XX asyrda magtymgulyşynaslyk ylmy boýunça milli ylmy mekdebiň düýbüni tutmakda we bu ylmy ugruň ýaýraýyş çygrynyň gerimini, hyjuwly we joşgunly öwrenilişini artdyrmakda, gyzyklanma örüsini giňeltmekde, kämilleşdirmekde, şahyryň edebi şahsyýeti barada başlangyç, dogry, ygtybarly ylmy çözgütli maglumatlaryň taýýarlanmagynda, olaryň ylmy seljermeler, nazarlar bilen berkidilmeginde, toplanylmagynda we neşir edilip, halk köpçüligine ýetirilmeginde B.Kerbabaýew, M.Kösäýew, A.Ahundow-Gürgenli, A.N.Samoýlowiç, R.Alyýew ýaly alymlar hakykatyň we kämilligiň çuňluklaryna, şahyryň döredijilik dünýäsine aralaşan ilkinji alymlar hökmünde ykrar edilýär. 1948-nji ýylda magtymgulyşynaslyk ylmynyň milli mekdebiniň kemala gelmeginde uly hyzmatlary bitiren, ylmyň bu pudagynda halypa-şägirtlik binýadyny döretmekde meşhurlyk gazanan tanymal türkmen alymy B.A.Garryýew tarapyndan «Magtymguly we onuň çeper dili» diýen at bilen ilkinji gezek filologiýa ylymlarynyň doktory diýen alymlyk derejesini almak üçin doktorlyk dissertasiýasy işi üstünlikli goralýar. Magtymgulyşynaslyk ylmy boýunça zenan alymlaryň arasynda ilkinji bolup filologiýa ylymlarynyň kandidaty diýen alymlyk derejesini almak üçin kandidatlyk dissertasiýasy işi Z.B.Muhammedowa tarapyndan 1949-njy ýylda «Magtymgulynyň diwanynyň Astrabat golýazmalarynyň dili» diýen temada ýerine ýetirilýär. 1950-2014-nji ýyllar aralygynda Magtymgulynyň edebi mirasynyň dürli ugurlary boýunça Ö.Ylýasow, Y.Mämedamanow, H.Abdullaýew, M.Çaryýew, D.Abdullaýew, Ş.Seýidow, A.Bekmyradow, A.Şyhnepesow, O.Işangulyýewa, M.Annamuhammedow, A.Nazarow, A.Aşyrow ýaly alymlar ýörite doktorlyk we kandidatlyk dissertasiýalary ýazyp, magtymgulyşynaslyk ylmynyň rowaçlanmagyna, düýpli we köptaraply öwrenilmegine uly goşant goşdular.

Magtymgulynyň golýazmalaryna ylmy-tekstologik taýdan barlaglary geçirmekde, şahyryň baý we köpugurly edebi mirasynyň halk döredijiligi, Gündogar edebiýatynyň çeper nusgalary, edebi hyzmatdaşlyklaryň mekdepleri bilen baglanyşygynyň taryhy, durmuşy köklerini çuňňur öwrenmekde, Magtymguly Pyragynyň şahyrana pikirlenmesiniň gurluş aýratynlyklary, şahyryň döredijiliginde mistiki poeziýanyň ideýa-çeperçilik däpleri, ilkinji çeşmeleri, jemgyýetçilik-syýasy, medeni durmuşda tutýan orny boýunça ylmy-derňew işlerini dowamly alyp barmakda, magtymgulyşynaslyk ylmynyň dürli pudaklary boýunça ýörite monografiýalaryň, kitaplaryň, makalalaryň neşir edilmeginde S.A.Garryýewiň, G.O.Çaryýewiň, A.Meredowyň, R.Mustakowyň, S.Myradowyň, M.Annanepesowyň, A.Gylyçdurdyýewiň, T.Orazowyň, K.Kurambaýewiň, O.Ýagmyrowyň, G.Geldiýewiň, H.Durdyýewiň, A.Mämedowyň, J.Gurbanowyň, A.Durdyýewanyň, T.Hapyzowanyň, O.Ödäýewiň, F.Allabergenowanyň hyzmatlary ilkinjileriň hatarynda hormat bilen bellenilmäge mynasypdyr. Magtymguly Pyragynyň ömri we döredijiligi baradaky ylmy maglumatlary mekdepleriň okuw kitaplarynda görkezmegi ilkinji gezek ýola goýan A.Belýaýew hasap edilýär. Türkmen metbugatynda ilkinji başlangyç ylmy makalalar «Magtymguly» ady bilen 1915-nji ýylyň 13-nji martynda we 3-nji aprelinde «Zakaspi» ýerli gazetinde Hojaly Myratberdi ogly we Mämmet Gurban ogly tarapyndan çap edilýär. Magtymgulyşynaslyk ylmy boýunça gazanylan ösüşleri üç ugra - XIX, XX, XXI asyrlaryň tapgyrlaryna, alymlar tarapyndan öwrenilişini Ýewropa, Aziýa, Amerika we türkmen ylmy jemgyýetçiliginiň toparlaryna bölmek bolýar. XIX asyrda Magtymguly Pyragynyň ömri we döredijiligi, durmuş we taryhy döwri baradaky ilkinji ylmy häsiýetli makalalar toplumy 1842-nji ýylda Londonda iňlis dilinde dünýäniň ylmy jemgyýetçiliginiň dykgatyna we nazaryna polýak alymy Aleksandr Leonardowiç Hodzko-Boreýko tarapyndan «Populýar pars poeziýasyndan parçalar» atly kitaby arkaly tanyşdyrylýar. Bu asyryň magtymgulyşynaslyk ylmy boýunça dürli gymmatlyklary, şöhratly ýazgylary, şahyryň ykbal menzilleriniň, şahyrana ömür we şygyr ussatlygynyň jadyly, özüneçekiji dünýäsi baradaky ylmy mazmunly sahypalary 20-den gowrak alymyň işlerinde, ýol ýazgylarynda, dürli dillerdäki gollanmalarda görmek bolýar. Magtymgulyşynaslyk ylmynyň XX asyrdaky ösüşi üç tapgyra bölünýär. Bu ylmy pudagyň ilkinji tapgyry 1903-1961-nji ýyllar aralygyny öz içine alýar. Ösüşiň bu tapgyrynda Magtymguly Pyragynyň dünýä edebiýatyndaky ornuny, poeziýa sungatyndaky ussatlygyny, jemgyýetçilik ähmiýetli paýhas aňlatmalaryny töwerekleýin öwrenmekde 15-e golaý ylmy jemgyýetçiligiň tanymal alymlary saldamly, şowly işleri bitirdiler. Bu döwürde B.M.Kerbabaýewiň «Türkmenistan» gazetiniň 1940-njy ýylyň 14-nji iýunyndaky sanynda çap edilen «Magtymguly we oňa bolan garaýyşlar» atly ylmy makalasynda «Magtymgulynyň eserleriniň halk arasyndan 1925-1939-njy ýyllar aralygynda toplanylmagy netijesinde Türkmenistanyň halk şahyry Durdy Gylyjyň ýardam bermeginde, onuň hatdatlary, mürzeleri, kätipleri Atak Kakabaýewiň, Çary Kakajanowyň ýazyp almagynda Tagta (häzirki Görogly) etrabynyň ýaşaýjysy Sapar Ataýewiň Pyragynyň 460 sany goşgusyny ýatdan bilmegi, aýtmagy, neşirler üçin döwürleýin taýýarlanylmagynda ähmiýetli bolandygy, bu raýatlaryň edebi hyzmatlarynyň gymmatynyň bahasyz baýlyk bolup halka hyzmat edendigi» baradaky buýsançly pikirleri häzirki zaman ylmy jemgyýetçiligi üçin hem gutlanylmaga mynasypdyr.

Magtymgulyşynaslyk ylmynyň XX asyrdaky ösüşiniň ikinji tapgyry 1962-1990-njy ýyllar aralygyny öz içine almak bilen, bu döwürde Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň folklora gatnaşygy, şahyryň belent, giň, çuň, sagdyn, aýdyň pikirleniş ukyby, suratlandyryş derejeleri, goşgy düzüş görnüşleri, okan, syýahat eden mekanlary, maşgala we hünär edepleri, halky häsiýetli dür setirleriniň stilistik öwüşginleri bilen bagly meseleleri öwrenmeklige 20-den gowrak alym, ylmy we döredijilik wekilleri işjeň gatnaşdylar. Ylmyň bu düzüminiň ösüşiniň üçünji tapgyry 1991-nji ýyldan soňky döwri öz içine almak bilen, halkara we milli jemgyýetçilik ulgamlarynda Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy, ýazuwly edebiýatlardaky taryhy hyzmatlary, gönüden-göni şahyryň durmuşdaky, ylmy, medeni ulgamlardaky orny, çeper döredijilik mekdebiniň aýratynlyklary bilen bagly onlarça meseleleri öwrenmekde täze sahypalary başlandy. Magtymguly Pyragynyň türkmen nusgawy edebiýatynyň, ynsan aň-düşünjesiniň kämilleşmeginde we baýlaşmagynda uly hyzmatlary bitiren, türkmen jemgyýetini kämillige ugrukdyryjy ynsanperwerlik ýörelgeleri, watançylyk mazmunly, ahlak gymmatlyklary sözüň gudraty, paýhas sungatyny filosofik setirler arkaly wasp eden Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň ähmiýeti, gymmaty dogrusynda 100-e golaý mowzuklarda düýpli ylmy barlaglar, seljermeler alnyp barlyp, ylmy jemgyýetçiligiň bu tapgyrynda alymlar toparynyň agzalarynyň 30-a golaýy döredijilikli zähmetleri bilen aýratyn tapawutlanýarlar. Olaryň hatarynda Magtymguly Pyragynyň golýazmalarynyň taryhyny, tahalluslaryny, dürli döwürlerde dilden ýazylyp alnan nusgalaryny, diwanlarynyň häsiýetli aýratynlyklaryny, akyldaryň terjimehaly we şahyryň eserleriniň tekstologik teswirleri baradaky hakykatlary täzeçil, nazary we amaly mysallar, subutnamalar arkaly çuňňur we ynandyryjylykly esaslandyrmakda, öwrenmekde, dogry ylmy çözgütleriň tapylmagynda TYA-nyň habarçy agzasy, filologiýa ylymlarynyň doktory, professor A.Aşyrowyň, alymlar P.Kiçigulowyň, E.Gajarowanyň, S.Ahallynyň, R.Rejepowyň, G.Nazarowyň, A.Mülkamanowyň, M.Öwezgeldiýewiň, A.Nurýagdyýewiň, N.Halymowyň, S.Şükürullaýewanyň, A.Saparmyradowyň bitiren hyzmatlary uludyr. Şahyryň eserleriniň gymmatyny onuň dogduk Watanyndan uzakdaky ülkeleriň sebitlerinde ylmy taýdan öwrenilmegine, kitaplarynyň neşir edilip ýaýradylmagyna we dürli yklymlaryň 40-a golaý döwletlerinde, 30-dan gowrak dillerinde dürli ýyllarda wagyz, terjime edilmegine dürli ýurtlaryň Ylymlar akademiýalarynyň agzalarynyň - akademikleriň 10-synyň, habarçy agzalarynyň 12-siniň, professorlarynyň 15-siniň, dürli ugurlar boýunça ylymlaryň doktorlarynyň we kandidatlarynyň 20-ä golaýynyň işewür, öndümli gatnaşmagy aýratyn guwandyryjydyr.

Golaýda ÝUNESKO-nyň Pariž şäherinde geçirilen Ýerine ýetiriji geňeşiniň 216-njy mejlisinde Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumynyň bu guramanyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi akyldaryň döredijiligi boýunça dünýä derejesinde üstünlikli durmuşa geçirilýän medeni we ylmy diplomatiýanyň rowaçlanýandygyny, hyzmatdaşlygyň işjeňleşmegine, öwrenilişiniň geriminiň artmagyna hem oňyn badalga berýändigini aýdyň görkezýär.

**Dädebaý PÄLWANOW,**
*Görogly etrap häkimliginiň hünärmeni.*

## DÜNÝÄ HABARLARY
### gysga setirlerde



**Saýlaw kampaniýasy başlandy.** Ispaniýada nobatdan daşary parlament saýlawlaryndan öňki kampaniýalar resmi taýdan başlandy. Ses berişlik 23-nji iýulda meýilleşdirilýär. Pikir soralyşyklarda Konserwatiw Halk partiýasy, Premýer-ministr Pedro Sançesiň dolandyryjy sosialistlerinden öňde barýar.



**Prezident wezipesine girişdi.** Seýmada kasam kabul edişlik dabarasyndan soň Edgars Rinkewiçs Latwiýanyň Prezidenti wezipesine girişdi. Öňki daşary işler ministri 31-nji maýda prezident wezipesine saýlanypdy. Edgars Rinkewiçs 1991-nji ýyldan bäri Latwiýanyň ýedinji Prezidenti boldy.



**Iň köp barlan sergi.** Niderlandly suratkeş Ýan Wermeýeriň işlerine bagyşlanan sergi 2023-nji ýylda dünýäniň iň meşhur sergisi boldy. Serginiň çäklerinde suratkeşiň ykrar edilen 37 eseriniň 28-si hödürlendi. Amsterdamdaky Reýksmuzeuma 10-njy fewraldan bäri 113 ýurtdan 650 müň adam baryp görüpdir.



**Frikase naharyny taýýarladylar.** Boliwiýaly aşpezler köp mukdarda frikase milli naharyny taýýarladylar. Tagamy taýýarlamak üçin 500 kilogram et, 55 kilogram sary burç we 10 kilogram gyzyl burç gerek boldy. Tagamy dadyp görmäge 4 müňe golaý adam ýygnandy. Indi bu tagamy Ginnesiň rekordlar kitabyna hödürlemekçi bolýarlar.



**Iň gür gatnawly howa menzili.** Stambulyň Halkara howa menzili Ýewropanyň gür gatnawly awiamerkezi hökmünde ykrar edildi. Howa nawigasiýasynyň howpsuzlygy boýunça Ýewropa guramasynyň Türkiýäniň Ulag ministrligine salgylanyp berýän maglumatlaryna görä, ol her gün 1500-den gowrak uçary kabul edýär we ugradýar.



**Sanawyň başyny çekdi.** Amerikaly işewür Ilon Mask 234 milliard dollarlyk maliýe emlägi bilen dünýäniň iň baý 500 adamynyň sanawynyň başyny çekdi. 2023-nji ýylyň birinji ýarymynda Maskyň emlägi 96,6 milliard dollar köpelipdir. LVMH kompaniýasynyň başlygy Bernar Arno 200 milliard dollarlyk maliýe emlägi bilen ikinji orunda barýar.



**Aýa ekspedisiýasyny ugradar.** 14-nji iýulda Hindistan özüniň üçünji «Çandraýan-3» milli awtomatik ekspedisiýasyny Aýa uçurar. Bu barada Hindistanyň kosmos barlaglary guramasy (ISRO) habar berdi. Missiýa arkaly Aý rowerini Aý orbitasyna ibermek göz öňünde tutulýar.



**Geljek ýyl satyp başlar.** Amerikan kompaniýasy «Apple» geljek ýylyň başynda ABŞ-daky dükanlarynda «Vision Pro» hyýaly hakykat äýnegini satmagy meýilleşdirýär. Kompaniýa geljek ýylyň başynda tutuş ýurtdaky 270 dükanda bölek satuwy ýola goýmagy meýilleşdirýändigini aýtdy.



**Alsgeýmeriň dermany tapyldy.** ABŞ-nyň Saglygy goraýyş ministrligi alsgeýmer (beýni bozulmasy) keseliniň ösüşini haýallatmaga mümkinçilik berýän ilkinji derman serişdesi bolan «Lekanemabyň» (täjirçilik ady «Leqembi») ulanylmagyny gutarnykly tassyklady. Bu barada ministrligiň metbugat üçin beýanatynda habar berilýär.



**BMW-niň akylly äýnegi.** BMW ulanyjylaryň gözüniň öňünde tizlik we nawigasiýa baradaky möhüm maglumatlary görkezýän «ConnectedRide» atly «akylly» äýnegini hödürledi. Bu «akylly» äýnek motosikl sürüjileri üçin ýörite döredildi. Litiý-ion batareýaly äýnek 10 sagada çenli işläp bilýär.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1952-nji ýylyň 14-nji iýulynda Amerikanyň «General Motors» kompaniýasy dünýäde ilkinji gezek awtoulaglara serginlediji oturdyp başlandygyny habar berdi.**




# Mirziýoýew gaýtadan saýlandy

Özbegistanyň häzirki Prezidenti Şawkat Mirziýoýew 9-njy iýulda geçirilen nobatdan daşary Prezident saýlawlarynda 87,5% ses alyp, ynamly ýeňiş gazandy. Bu barada Merkezi saýlaw toparynyň başlygy Zainiddin Nizamhojaýew habar berdi.

Prezident saýlawlarynda 19,5 milliondan gowrak saýlawçy hasaba alnyp, şolardan 15 million 671 müňden gowragy ses berdi. 28-nji iýundan 5-nji iýul aralygynda 800 müňden gowrak saýlawçy, şol sanda daşary ýurtlarda ýaşaýan 188 müň töweregi saýlawçy wagtyndan öň ses berdi.

Saýlawlarda Şawkat Mirziýoýewe 13 million 625 müňden gowrak adam (saýlawçylaryň 87,5%-i) ses berdi. Nizamhojaýew ýurtda hereket edýän kanunlara we saýlawlaryň netijelerine görä, häzirki döwlet Baştutanynyň täze möhlete gaýtadan saýlanandygyny aýtdy.

Sosial-demokratik partiýasy «Adolat» tarapyndan hödürlenen Ýokary Kazyýetiň başlygynyň birinji orunbasary Robahon Mahmudowa 4,43%, Halk demokratik partiýasynyň lideri Ulugbek Inoýatow 4,02%, Ekologiýa partiýasynyň başlygy Abduşukur Hamzaýew bolsa, 3,74% sese eýe boldy.

Şawkat Mirziýoýew 1989-njy ýyldan bäri ýurda ýolbaşçylyk eden ilkinji döwlet Baştutany Yslam Karimow aradan çykandan soň 2016-njy ýylyň dekabrynda geçirilen nobatdan daşary saýlawlarda Özbegistanyň Prezidenti wezipesine saýlandy. 2021-nji ýylyň oktýabr aýynda Mirziýoýew 80,12% ses alyp, täze saýlawlarda ýeňiş gazandy.



Aprel aýynda Özbegistanda Konstitusiýany üýtgetmek, şol sanda Özbegistanyň Prezidentiniň ygtyýarlyk möhletini bäş ýyldan ýedi ýyla çenli uzaltmak boýunça sala salşyk geçirildi. Teklip edilen üýtgetmeleri saýlawçylaryň 90,2%-i goldady. Maý aýynyň başynda Mirziýoýew Konstitusiýa girizilen üýtgetmelere esaslanyp, möhletinden öň Prezident saýlawlaryny geçirmek barada karara gol çekdi.

# BRIKS-iň sammitine gatnaşmaga çagyrýar

Günorta Afrika Respublikasy ähli Afrika ýurtlarynyň döwlet Baştutanlaryny awgust aýynda Ýohannesburgda guraljak BRIKS-iň sammitine çagyrdy. Bu barada Günorta Afrika Respublikasynyň Hökümetiniň ýokary derejeli wekili habar berdi.

– Prezident Siril Ramafosa BRIKS bilen özara hyzmatdaşlygyň çäginde ähli Afrika liderlerini sammite çagyrmak barada karara geldi. Şoňa görä, olaryň ählisine BRIKS-iň liderleri bilen birlikde sammite gatnaşmaklary üçin çakylyk ýolladyk – diýip, Günorta Afrika tarapyndan BRIKS boýunça ynanylan wekil Anil Suklal metbugat üçin maslahatda mälim etdi.

– Sammitde yklymyň ykdysady ösüşine kömek etmek üçin BRIKS ýurtlary bilen Afrikanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ýollary ara alnyp maslahatlaşylar. Mundan başga-da, Prezident Siril Ramafosanyň BRIKS-iň liderleri üçin berjek agşamlyk naharyna Afrika liderleri hem gatnaşar – diýip, Anil Suklal habar berdi.

Onuň sözlerine görä, çagyrylanlaryň arasynda Afrika Bileleşigine agza ýurtlaryň we sebitiň ykdysady birleşikleriniň ýolbaşçylary hem-de işewürleri bar. Günorta Afrika Respublikasy şu ýylyň 1-nji ýanwarynda BRIKS-iň başlygy boldy.

Häzirki wagtda BRIKS Russiýany, Hytaýy, Braziliýany, Hindistany we Günorta Afrika Respublikasyny birleşdirýär. Şeýle-de, Indoneziýa, Türkiýe, Saud Arabystany, Müsür we Argentina ýaly ýurtlar bileleşige goşulmagy mak-



sat edinýärler. Bilermenleriň çaklamagyna görä, 2023-nji ýyla çenli BRIKS ýurtlarynyň jemi içerki önüminiň dünýä ykdysadyýetindäki umumy paýy G7 ýurtlarynyň jemi içerki önüminiň paýyndan ýokary bolar. Bu ýurtlar dünýäniň ilatynyň 40 göterimini öz içine alyp, Ýer togalagynyň dörtden bir bölegini eýeleýär. Gurama 2006-njy ýylda Sankt-Peterburg ykdysady forumynyň çäklerinde Braziliýanyň, Russiýanyň, Hindistanyň we Hytaýyň daşary işler ministrleriniň gatnaşmagynda esaslandyryldy.

# BAE-de Maýa goýum ministrligi esaslandyryldy

Birleşen Arap Emirlikleriniň Ministrler Geňeşi Maýa goýum ministrligini döretmek barada karara geldi. Bu barada Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti, Premýer-ministri, Dubaýyň häkimi şeýh Muhammed bin Raşid Al-Maktum habar berdi.

– Şu gün men Abu-Dabidäki Prezident köşgünde Ministrler Geňeşiniň mejlisine başlyklyk etdim, onuň barşynda birnäçe möhüm kararlar kabul edildi. Mejlisde ýurduň Prezidenti şeýh Muhammed ben Zaýed Al Nahaýýanyň ýolbaşçylygynda federal hökümetiň



düzüminde Maýa goýum ministrliginiň döredilýändigi yglan edilip, maýa goýum ministri wezipesine Muhammed Hasan as-Suwaýdi bellenildi – diýip, şeýh Muhammed bin Raşid Al-Maktum belledi.

– Täze ministrligiň esasy maksady BAE-niň maýa goýum maksatnamasyny ösdürmekden, ýurtdaky maýa goýum ýagdaýyny höweslendirmekden we kanunçylygyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Şeýlelik bilen, BAE dünýäde öňdebaryjy maýa goýum merkezi bolmaga we dünýäniň maýa goýum bazarynda esasy orny eýelemäge çalyşýar – diýip, şeýh Muhammed bin Raşid Al-Maktum aýtdy.



# Syýahatçylaryň sanynda taryhy rekord goýdy

Geçen maý aýynda Ispaniýa gelen daşary ýurtly syýahatçylaryň sany ýyllyk hasabynda 17,6% ýokarlanyp, 8,2 million boldy diýip, INE milli statistika edarasy habar berdi. Bu Ispaniýadaky gözegçiligiň tutuş taryhynda maý aýy üçin rekorddyr diýip, «MarketWatch» belleýär.

Bu görkeziji pandemiýadan öňki 2019-njy ýylyň maý aýyndaky görkezijiden 3,8% ýokary boldy. Maý aýynda Ispaniýa syýahatçylaryň köpüsi Beýik Britaniýadan geldi – 1,8 milliondan gowrak ýa-da umumy sanyň 22,2%-i. Soňra Fransiýa we Germaniýa gelýär, degişlilikde, 1,2 million we tas 1,1 million myhman.

Aýry-aýry ýurtlaryň arasynda ýyllyk hasabynda iň uly ösüşi ABŞ görkezdi, maý aýynda bu ýerden bir ýyl ozalkydan 38,8% köp adam geldi.

Maý aýynda Ispaniýa howa ýoly arkaly 6,82 milliondan gowrak (ýyldan-ýyla +12,8%), awtoulag bilen 1,24 million (+52,8%), suw ýoly arkaly 128,4 müň (+9,4), demir ýollary arkaly 30,6 müň (+92,7%) syýahatçy geldi.

Ýurduň myhmanlarynyň umumy çykdajylary ýyllyk aňlatmada 9,73 milliard ýewro (20,8%) çenli ýa-da adam başyna ortaça 1,2 müň ýewro (+2,7%) artdy.

# Germaniýa ökde migrantlara gapysyny açýar

Germaniýa işçi güýjüniň ýetmezçiligi meselesini çözmek üçin ökde hünärmenleri ýurda çagyrmagy maksat edinýär. Bundestag (parlament) Ýewropa Bileleşigine girmeýän ýurtlaryň raýatlarynyň Germaniýa göçüp gelmegi üçin täze ýollary açyp, 2020-nji ýyldaky migrasiýa kanunyna üýtgetmeler girizdi.

Kanun arza berijiniň hünär tejribesini we Kanada ýaly ýurtlarda eýýäm ulanylýan ulgamlara meňzeş dürli ýagdaýlary nazara alýan ulgamy



ýola goýmagy göz öňünde tutýar. Düzedişleriň birine görä, 2023-nji ýylyň 29-njy martyna çenli ýurda gelenler işçi migranty hökmünde statusyny üýtgedip biler. Eger-de ýokary hünärli işgärler öz garyndaşlaryna maddy taýdan goldaw berip bilseler, olara Germaniýa öz ýakynlaryny getirmäge rugsat berler.

Bilermenleriň pikiriçe, ýurtda her ýylda, takmynan, 400 müň ökde migrant gerek. Zähmet boýunça milli gullugynyň habaryna görä, geçen ýyl, takmynan, 1 müň 200 hünärden 200-sinde zähmet ýetmezçiligi ýüze çykypdyr.

# REMBRANDTYŇ KARTINALARY SATYLDY

Niderlandly suratkeş Rembrandtyň çeken iki portreti Londondaky «Christie's» auksion öýünde 13 million ýewro satyldy. Iňlis maşgalasynda saklanyp galan bu kartinalary gözden geçiren auksion öýüniň hünärmeni Genri Pettifer olaryň Rembrandt wan Reýn (1606-1669) tarapyndan çekilendigini tassyklady. Şeýle portretleriň bardygy sungaty öwrenijilere-de mälim däldi.

Iki ýyllap geçirilen barlaglarda täjir Ýan Willems wan der Plýumyň we onuň aýaly Ýapgen Karelsiň portretleriniň 1635-nji ýylda çekilendigi we iň soňky gezek 1824-nji ýylda «Christie's» auksionynda satylandygy ýüze çykaryldy.

Satuwyň bahasy «Christie's»-iň 7 milliondan



9 million ýewro aralygyndaky çaklamasyndan ýokary boldy. Bu kiçijik kartinalar Rembrandtyň çeken portretleriniň maşgalalarda galan iň soňky kartinalary hasaplanýar. Bu eserler, Rembrandta we onuň maşgalasyna ýakyn bolan garry är-aýalyň şekilleri bolup, niderlandly suratkeşiň öz ýakynlarynyň arasynda suratkeş hökmünde oýnaýan roly barada özboluşly düşünje berýär.

– Çuňňur adamzat duýgusy bilen çekilen bu portretler Rembrandtyň çeken iň kiçi portretleri bolup, onuň inkär edip bolmajak zehinine düşünmegimize ýardam berýär – diýip, bu portretleri ýüze çykaran «Christie International» guramasynyň hünärmeni Genri Pettifer belläp geçdi.

# Emeli aň iş ornuny çalşar



Emeli aň bütin dünýäde 300 million işçi ornuny çalşar diýip, bilermenler çaklaýarlar. ABŞ-da we Ýewropada eýýäm işçi orunlarynyň üçden iki bölegini doly ýa-da bölekleýin awtomatlaşdyryp bolar. Şeýle hem barlaglarda käbir iş orunlarynyň beýlekilere garanyňda, has köp ýitgi çekip biljekdigi bellenýär. Mysal üçin, has köp fiziki zähmeti talap edýän işlere bu ýagdaý o diýen täsir edip bilmese gerek. Emeli aň, esasan, grafik bezegçiler, programmaçylar, hasapçylar, žurnalistler, ýazyjylar we mugallymlar ýaly kärdäkilere bäsdeş bolar.

Barlaglarda tehnologiýalary peýdalanmagyň zähmet öndürijiligini ýokarlandyryp, dünýäniň jemi içerki önümini wagtyň geçmegi bilen 7 göterim artdyryp biljekdigi aýdylýar. Bilermenleriň çaklamalaryna görä, Gonkong, Ysraýyl, Ýaponiýa, Şwesiýa we ABŞ emeli aňyň has köp ornaşdyrylan ýurtlarynyň başligini düzer.

# PLASTIK TORBALARA GADAGANLYK GIRIZDI

**Täze Zelandiýa dünýäde ilkinji bolup, supermarketlerde plastik torbalary ulanmaga gadaganlyk girizdi. Bu karar hökümetiň plastika garşy kampaniýasynyň bir bölegi bolup, 1-nji iýulda güýje girdi.**

**Bu gadaganlyk bir gezek ulanylýan torbalara we gapgaçlara degişlidir. Bu ýerde gürrüň, ilkinji nobatda, has köp ulanylýan plastik görnüşlerine garşy göreş barada barýar. Täze Zelandiýanyň paýtagty Wellingtonda ýene-de iki ýyldan ähli polistirol iýmit gaplamalarynyň gadagan edilmegine garaşylýar.**

**Täze Zelandiýanyň Daşky gurşaw ministrliginiň habaryna görä, ýurduň her bir ýaşaýjysy her ýyl ortaça 60 kilogram plastik galyndylary zir-zibil dökülýän ýerlere zyňýar, şunuň bilen bir wagtda onuň diňe 5%-i gaýtadan işlenilýär. «Täze çäklendirmeler ýylda 150 million plastik torbanyň zyňyndysynyň öňüni almaga mümkinçilik berer» diýip, «NZ Herald» neşiri ýazýar.**



**2019-njy ýylyň iýul aýynda Täze Zelandiýanyň häkimiýetleri harytlar satyn alnandan soň gaplanylýan uly torbalary ulanmagy gadagan etdiler. Daşky gurşawa zyýanly bolan plastik önümler bilen üpjün edýän kärhanalara 67 müň dollara çenli uly jerime salyndy.**

# GAZ ÇYKARYLYŞYNY ARTDYRMAKÇY

**Saud Arabystanynyň «Saudi Aramco» milli nebit kompaniýasy 2030-njy ýyla çenli gaz önümçiligini 50-60% ýokarlandyrmagy meýilleşdirýär. Bu barada kompaniýanyň baş direktory Amin Nasser «Al Arabiya» teleýaýlymyna beren beýanatynda aýtdy.**

**Mundan öň, Saud Arabystanynyň Energetika ministrligi, goşmaça, 4 müň kilometr turbageçiriji gurmak arkaly Patyşalygyň gaz**



**önümçiligini 60% ýokarlandyrmagy meýilleşdirýändigini habar beripdi.**

**«Saudi Aramco»-nyň 2022-nji ýyldaky soňky hasabatyndan görnüşi ýaly, tebigy gaz we etanyň öndürilişiniň ortaça mukdary her gün 10,6 milliard kub fut (takmynan, 300 million kubmetr) boldy. Kompaniýa Patyşalykda ýeke-täk gaz üpjün edijidir, şeýle hem ugurdaş gazy we gaz kondensatynyň bir bölegini eksport edýär. «Jafura» diýlip atlandyrylýan adaty bolmadyk gaz ýatagy ýurtdaky iň uly gaz ýatagydyr. Onuň ätiýaçlyk gorlary 56,6 milliard kubmetre barabar hasaplanylýar.**

# NEBIT ÖNÜMÇILIGINI GÜNDE 1 MILLION BARREL AZALTMAKÇY

**Saud Arabystany, ozal diňe iýul aýyny göz öňünde tutan hem bolsa, awgust aýynda-da nebit önümçiligini her gün 1 million barrele çenli azaltmak kararyna geldi. Bu barada Saud Arabystanynyň metbugat gullugy Patyşalygyň Energetika ministrliginiň wekiliniň sözlerine salgylanyp habar berdi.**

**Awgustda-da, iýul aýynda bolşy ýaly, azaltmak göz öňünde tutulany üçin, Saud Arabystanynyň nebit önümçiliginiň mukdary 9 million kubmetr bolar. Hasabatda her gün 1 million barrel meýletin azaltmagyň, önümçiligi her gün 500 müň barrel azaltmak baradaky ozalky karara goşmaça bolmak bilen, has uzak möhlete uzaldylyp bilinjekdigi bellenilýär. Şeýlelik bilen, Patyşalyk tarapyndan awgust aýynda önümçiligi azalmagyň umumy mukdary her gün 1,5 million barrel bolar.**

**Ýakynda Wenada geçirilen OPEK+-iň duşuşygyndan soň, Saud Arabystany bu çäräni uzaltmak mümkinçiligi bilen iýul aýynda nebit önümçiliginiň her gün 1 million barrel azaldyljakdygyny yglan etdi. Saud Arabystanynyň metbugat gullugynyň Patyşalygyň Energetika ministrliginiň wekiliniň sözlerine salgylanyp berýän habaryna görä, goşmaça azaltmak nebit bazaryndaky durnuklylygy we deňagramlylygy saklamaga gönükdirilen çäredir.**





# BÄŞ ŞÄHER, BÄŞ TAGAM

**Islendik şäher barada gürrüň edilende şol şäherdäki meşhur zatlaryň ady agzalýar. Dünýäniň her bir şäheri özüniň tebigaty, binagärlik aýratynlygy we medeni gymmatlyklary bilen tapawutlanýar. Şeýle aýratynlyklara her şäheriň özüne mahsus tagamlaryny hem goşup bileris. Ýagny käbir şäherler özüniň meşhur tagamlary bilen tanalýar. Gazetimiziň şu sanynda 5 şähere mahsus bolan 5 tagam baradaky maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**

**Hinkali, Batumi.** Gara deňziň kenarynda ýerleşýän bu şäher özboluşly aýratynlyklara eýe. Batumi şäherine baryp iýmeli tagamlaryň biri-de gürji mantysydyr. Bukja görnüşinde taýýarlanýan bu tagama et bilen bir hatarda, kartoşka, kömelek we peýnir hem goşulýar. Gürji naharlarynyň iň meşhury bolan hinkali suwda gaýnadylyp taýýarlanýar. Bu tagamy, islege görä, gaýnadylan çorbasy bilen bilelikde hem iýip bolýar.

**Çewapy, Saraýewo.** Bosniýa we Gersegowinanyň paýtagty Saraýewo Balkan ýarym adasynyň iň owadan şäherleriniň biri hasaplanýar. «Saraýewo baryp näme iýmeli?» diýen soraga jahankeşdeler «çewapy» diýip jogap berýärler. Diňe şäheriň däl, eýsem, tutuş ýurduň hem iň meşhur tagamlarynyň biri bolan çewapy üwelen etden taýýarlanýar. Çöregiň arasyna goýlup, bilelikde iýilýän bu tagamyň ýany bilen dogralan sogan hem berilýär.

**Suwlaki, Afiny.** Gresiýanyň paýtagty Afiny şäheri hem syýahatçylara birnäçe lezzetli tagamlary hödürleýär. Şäheriň köçe naharlarynyň biri bolan suwlaki ýurduň iň meşhur tagamlarynyň biri hasaplanýar. Kebap görnüşinde közde bişirilýän bu tagam ýukajyk çöregiň arasyna goýlup, limon, otlar, pomidor goýultmasy bilen bilelikde berilýär. Esasan, goýun etinden bişirilýän suwlaki käte sygyr, towuk etinden hem taýýarlanýar.

**Falafel, Beýrut.** Ýakyn Gündogaryň «Pariži» diýlip atlandyrylýan Beýrut şäheri taryhy ýadygärlikleri bilen bir hatarda, milli tagamlary bilen hem syýahatçylarda uly täsir galdyrýar. Şäherde Liwanyň iň meşhur tagamlarynyň biri bolan falafel taýýarlanýar. Bu tagam gaýnadylan nohutdan suwy sykylyp togalanan görnüşde ýagda gowrulýar. Gaýnadylan nohuda ownuk dogralan gök otlardyr ys berijiler hem goşulýar. Falafel wegetarianlaryň iň halaýan tagamlarynyň biridir.

**Paştel-de-nata, Lissabon.** Ýewropa yklymynyň iň günbatar şäheri bolan Lissabon binagärlik gurluşy, mozaika köçeleri we meşhur syýahatçylyk merkezleri bilen tanalýar. Portugaliýanyň paýtagt şäheriniň meşhur tagamlarynyň biri hem paştel-de-nata hasaplanýar. Özboluşly döreýiş taryhy bolan bu tagamy taýýarlamak üçin şeker, ýumurtga, un we süýt gerek. Ilkibaşda monastyr aşhanasynda bişirilip başlanan bu tagam ertirlik nahary hökmünde satylyp başlanýar. Soňlugy bilen bu süýjüligiň ýörite dükanlary açylýar. Ýewropanyň meşhur süýjülikleriniň biri bolan paştel-de-nata hoşboý tagamy we ýumşaklygy bilen tanalýar.



# Tarelka meňzeş «ýüzýän» myhmanhana

**Soňky ýyllarda «ýüzýän» myhmanhanalar syýahatçylyk pudagynda jahankeşdelere hödürlenýän täze bir ugur bolup, derýada ýa-da deňizde ýüzüp şäheri, tebigaty synlamaga mümkinçilik berýär. «Ýüzýän» myhmanhanada gidip barşyňa birnäçe täsinlikleriň şaýady bolýarsyň. Arassa howaly tebigat, janly-jandarlaryň özboluşly hereketleri – bular dynç alýan adamlara lezzet berýär. 2020-nji ýylda işlenip düzülen «Anteniýa» atly «ýüzýän» eko-myhmanhana hem köpçüligiň ünsüni özüne çekýär.**

Dünýädäki ilkinji «ýüzýän» eko-lýuks myhmanhana bolan Anteniýa süýümli aýnadan, tegelek görnüşde ýasalypdyr. Bu kaşaň myhmanhana 1977-nji ýylda surata düşürilen Jeýms Bonduň «Meni söýen içaly» (The Spy Who Loved Me) filmindäki tegelek gämiden ylham alnyp döredilipdir. 540 inedördül metrlik gämi 12 adama çenli myhmany kabul edip bilýär. «Ýüzýän» myhmanhananyň gümmezinde bäş sany awtomatik aýlanýan Gün paneli ýerleşdirilip, gämini energiýa bilen üpjün edýär. Tegelek gäminiň iki sany sessiz hereket edýän elektrik hereketlendirijisi bar. Eko-myhmanhananyň birinji gatynda iki orunlyk ýatylýan otag, tegelek hammam, egri diwan, kiçiräk aşhana göz öňünde tutulypdyr. Aýna penjireleri bolan myhmanhananyň gapysy ýokarlygyna açylýar. Eko-myhmanhananyň aşaky gaty aýna bilen örtülen bolup, deňiz jandarlaryny, balyklaryň ýüzüşini synlamaga mümkinçilik berýär. Anteniýa gämisiniň esasy aýratynlygy üçeginiň açylýan görnüşde bolmagydyr. Gäminiň üçegine merkezdäki basgançaklar arkaly çykylýar. Myhmanhananyň tegelek gümmezi 12 adama niýetlenen ýumşak oturgyçlar bilen üpjün edilip, bu ýerden deňiz tebigatyny synlap, dynç alyp bolýar. Bulardan başga-da, «ýüzýän» eko-myhmanhanada ýokary tizlikli Wi-Fi, suwasty basseýn, iki sany dynç alyş meýdançasy bar.

Ilkinji Anteniýa myhmanhanasy Fransiýanyň demirgazyk-günbataryndaky gülgüne kenarlarda açylyp, häzirki wagtda dünýäniň dürli künjeginde bu eko-myhmanhana myhmanlara hyzmat edýär.

# ÖÝDE HEREKETSIZ BOLMAŇ!

**Beden we akyl saglygy üçin wagtly-wagtynda iýmitlenmek hem-de maşk etmek zerurdyr. Tomus paslyny köp adam öýde geçirýär. Dynç alyş ýa-da zähmet rugsady bolmagyna garamazdan, öýde dürli maşklary ýerine ýetirmek we salkyn howada gezelenç etmek saglyk üçin ähmiýetlidir.**



**Sagdyn hereket üçin ilki bilen ertirlikden başlamaly. Ýagny ertirlik naharyny – beloga, witamine baý iýmitleri hökmany ýagdaýda iýmeli. Bu immuniteti ýokarlandyryp, bedeniň gorag ulgamyny güýçlendirýär. Deňagramly we sagdyn iýmit sanawyna gök önümlerdir miweleri hem goşup bilersiňiz. Ýagly, ýönekeý uglewodly we şekerli iýmitlerden uzakda durmaly. Şeýle hem et önümlerini azaldyp, gök önümlere köpräk üns bermeli. Her gün 2-4 litr aralygynda otag temperaturasyndaky suw içmeli. Iýmit sanawy dogry berjaý edilende adam özüni rahat we ýeňil duýýar.**

**Tomus paslynda howanyň gyzgynlyk derejesini göz öňünde tutmak bilen daşary çykmazdan, öýde dürli maşklary ýerine ýetirip bilersiňiz. Ýoga, el-aýak myşsa maşklary öýde ýerine ýetirip bolýan maşklardyr. Bulardan başga-da, irden ýa-da agşamara salkyn howada ýöremek, welosiped sürmek arkaly bedeniňizi taplap bilersiňiz.**



# MAWY ŞÖHLÄNIŇ zyýany

**Uzakly gün diýen ýaly seredip oturýan ekranlarymyzdan çykýan mawy şöhle barada nämeler bilýäris?! Häzirki zaman durmuş ýörelgelerine laýyklykda, kompýuterdir telefondan işjeň ýagdaýda peýdalanylýar. Ösen tehnologik enjamlary iş ýa-da güýmenje maksady bilen ulanýan wagtymyz ekrandan bölünip çykýan ýagtylyga hem duçar bolýarys. Eýsem, mawy şöhläniň adama nähili täsiri bar?!**

Tehnologik enjamlardan bölünip çykýan ýagtylyk bedeniň tebigy sagadynyň (biosagat) deňagramlylygyny bozýar. Esasan hem, bu ýagdaý uklamazdan ozal telefona güýmenýänlere täsir edýär. Mawy şöhle ukusyz wagtymyz bölünip çykýan melatonin gormonyň derejesini peseldip, kadaly uka täsirini ýetirýär. Ukusyzlyk, ýadawlyk, nerw bozulmalary ýa-da agramyň artmagy ýaly kynçylyklary döredýär.

Aslynda, mawy şöhle diňe tehnologik enjamlarda bolman, eýsem, Gün şöhlesinde hem bar. Bu gözümiz bilen görüp bilýän şöhlelerimiziň biridir. Gün şöhlesindäki mawy şöhle tebigy bolup, adama zyýansyz hasaplanýar. Emma tehnologik enjamlardan bölünip çykýan ýagtylyk göz üçin zyýanly bolup, görşüň, hüşgärligiň peselmegine hem-de dartgynly ýagdaýlara getirýär. Şeýle hem adam beýnisini ýadadýar.

Bilermenler mawy şöhläniň täsirini azaltmak üçin tehnologik enjamlar bilen işlenende arakesme etmegi maslahat berýärler. Ýatmazdan iki sagat ozal tehnologik enjamlardan daşlaşmaly, zerur bolmadyk halatynda uklamazdan öň öýjükli telefony öçürip ýatmaly. Gije işlenmegi zerur bolan halatynda öý yşyklandyryşynda ak däl-de, reňkli lampalary ulanmaly. Bu mawy şöhläniň derejesini azaltmaga ýardam edýär. Şeýle hem ekranyň ýagtylygyny peseldip ýa-da gijeki örtülen ýagtylyk ulgamyna geçirip, peýdalanyp bolar. Bilermenler mawy şöhläniň täsirini azaltmak üçin reňksiz gorag äýnegini dakynmagy, görşüň peselmezligi üçin otdur gök önümleri, ýumurtganyň agyny, esasan hem, kädidir käşir iýmelidigini belleýärler.

# ÇAGALAR

✓ 1995-nji ýylda Arçi atly ulitka 2 minutda pellehana gelip, dünýä rekordyny goýdy. Arçi häzirki wagta çenli iň çalt ulitka bolmagynda galýar.



# DÜNÝÄNIŇ TÄSIN AKWAPARKLARY

**Tomus paslynda tebigatyň dürli ýerlerinde dynç alyşlar guralýar. Bu pasylda howanyň gyzýandygy sebäpli, esasan hem, suwly we salkyn ýerler saýlanýar. Dynç alşyň dowamynda çeper eserler okalýar, küşt-şaşka oýnalýar we welosipedli gezelençler guralýar. Şeýle hem özara sport bäsleşikleri, top oýnamak ýaryşlary geçirilýär. Howuzlara suwa düşmek, suwda geçirilýän sport görnüşleri bilen meşgullanmak, akwaparklarda dynç almak hem tomus paslynyň iň gyzykly güýmenjeleridir. Eýsem, akwapark näme?! Akwapark howuzlary, typylýan ýodalary, suwly oýun meýdançalary, şeýle hem ýüzmek, suwa düşmek üçin tolkunly howuzlary özünde jemleýän güýmenje seýilgähidir. Ýer ýüzünde ululy-kiçili suw seýilgäleriniň müňlerçesi bar. Gazetimiziň şu sanynda dünýädäki täsin akwaparklar baradaky gyzykly maglumatlary size ýetirýäris.**



**Çimelong, Hytaý.** Tebigatda dynç almak isleýänler üçin bu akwapark özüne çekiji ýerleriň biridir. Dynç almaga barýan myhmanlar alty gatly binadan 4 adamlyk gaýykda aýlawly tolkunlar arkaly aşaky howza düşýärler. Çimelong suw seýilgähinde suw slaýdlary, interaktiw oýun meýdançalary, nasos slaýdlary, ýokary tizlikli typylýan turbalar wagtyňy gyzykly geçirmäge mümkinçilik berýär. Akwaparkda dynç alýan ýaş myhmanlara aşhana hyzmatlary hem hödürlenýär. Bulardan başga-da, bu ýerde ýadygärlik sowgatlaryny, suwa düşülýän egin-eşikleri satyn alyp bolýar.



**Atlantis, Bagama.** Bagamadaky Jennet adasynda ýerleşýän Atlantis akwaparky (Atlantis Aquaventure) dürli ýaşdaky myhmanlar üçin tolgundyryjy we täsirli başdangeçirmeleri hödürleýär. «Atlantis Resort» dynç alyş merkeziniň bir bölegi bolan bu ýerde köp sanly attraksion meýdançalar, ýokardan aşaklygyna inýän typylýan turbalar hem-de akulaly suwasty ýodalar bar. Akwaparkyň iň täsin ýerleriniň biri hem 60 metr belentlikdäki Maýan ybadathanasydyr. Bu binanyň içinden aşaklygyna inýän açyk suw tunnelleri geçýär. Ulular bilen bir hatarda, dynç almaga gelýän çagalar hem suw ýodalarynda typmak arkaly başdangeçirmelerden lezzet alyp bilýärler.

Bulardan başga-da, akwaparkda çagalar üçin ýörite döredilen interaktiw suw meýdançalary bar.



**«Boeing 747», ABŞ.** «Boeing 747» suw seýilgähiniň «ganatlar we tolkunlar» diýlip atlandyrylmagy ýöne ýerden däl. Oregon ştatynda ýerleşýän suw howdanynyň binasynyň ýokarsynda hakyky «Boeing 747» uçary ýerleşdirilipdir. Bu dünýädäki ýeke-täk uçarly akwapark hasaplanýar. 4 sany suw tunneli uçardan aşaklygyna gaýdyp, myhmanlary howza düşürýär. Dynç almaga gelýänler bu ýerde «uçardan bökmek» ýaly täsirli duýgyny başdan geçirýärler. Binanyň içinde çagalar üçin interaktiw suw meýdançalary, tolkunly howuz we köpürjikli oýun meýdançalary bar.



**Suw kuby, Hytaý.** «Suw kuby» ady bilen tanalýan Pekin milli suw sport merkezi 2008-nji ýylda geçirilen tomusky Olimpiýa oýunlary üçin guruldy. Olimpiýa oýunlaryndan soň bu ýerde akwapark döredilýär. Suw kuby Aziýanyň iň uly ýapyk suw howdanlarynyň biri hasaplanýar. Bu ýerde suwly gezelenç ýodalary, 13 sany suw slaýdy, tolkunly howuz we dynç alyş meýdançalary bar. Suw toplumynyň daşy damja şekilli gök plastik köpürjiklerden düzülipdir. Plastik köpürjikler Gün energiýasyny özünde ýygnap, howuzlary ýylatmaga kömek edýär.



**«Aquatica Orlando», ABŞ.** Florida ştatynda ýerleşýän bu akwaparkda suw turbalary bilen ugurdaş hereket edýän delfindir akulalar geň galdyrýar. Ýokardan gaýdýan 330 metrlik suw turbasy howzuň içinden geçip gidýär. Dynç almaga barýanlar ýarym suwly turbada okdurylyp barýarkalar delfindir akulalar olar bilen ýaryşýarlar. Bu täsin ýagdaý deňiz jandarlaryny ýakyndan synlamaga şert döredýär. Howuzda delfinden başga-da, sardina hem-de balygyň birnäçe görnüşi saklanýar. Akwaparkda ýaş myhmanlar üçin pes hereketli suw turbalary hem göz öňünde tutulypdyr. Suw seýilgähiniň töweregindе otaglar, oturgyçlar bar. Akwaparkyň açyk meýdançasynda delfin tanslary hem görkezilýär.



**«Divertical», Italiýa.** Suw seýilgähindäki gezelenç relslerde hereket edýän gaýyklar bilen başlanýar. 160 metr belentlikdäki aýlawly relslerden aşak inýän gaýyk howzuň içine düşýär. Bu başdangeçirmeler sagatda 112 kilometr tizlikde bolup geçýär. Gämiler aşaklygyna inende köp mukdarda suw syçradýar. Ýöne muňa garamazdan, dynç almaga gelýänler 3 minut dowam edýän tolgundyryjy wakanyň şaýady bolýarlar. Seýilgähde typylýan ýodalaryň jemi 66-sy bolup, çagalar üçin hem oýun meýdançalary, suwa düşülýän howuz göz öňünde tutulypdyr.



# Ulitka ýaryşy – dünýäniň iň haýal jandarynyň bäsleşigi

Adamzat jemgyýetinde irki döwürlerden bäri tizligi talap edýän dürli ýaryşlar geçirilip gelinýär. Muňa awtoulag ýaryşlary, at we düýe ýaryşlary, düýeguş ylgawy, it ýaryşlary ýaly bäsleşikleri mysal getirmek bolar. Şeýle ýaryşlaryň hataryna dünýäniň iň haýal jandary hasaplanýan ulitkalaryň (suwöküz) «pellehana barmak» ýaryşyny hem goşmak bolar. Gyzykly hem-de şowhunly ýagdaýda geçirilýän bu täsin ýaryş 1960-njy ýyllardan gözbaş alýar. Kongam obasynda geçirilip başlanan ýaryş 1995-nji ýylda Ýewropanyň beýleki ýurtlarynda hem meşhur bolýar. 1970-nji ýyldan bäri her ýyl Angliýanyň Norfolk şäheriniň Kongam obasynda «Ulitka ýaryşy boýunça Dünýä çempionaty» geçirilýär.



Ýaryşlar ak mata örtülen 33 santimetrlik tegelek tagtanyň üstünde geçirilýär. Ulitkalaryň ýeňil hereket etmegi üçin halkaly çyzyklary bolan mata çyglandyrylýar. Ýaryşa gatnaşýan ulitkalary tapawutlandyrmak üçin örküjinde sanlar hem ýazylýar. Haýal jandarlar ýaryşy guraýjy eminiň gözegçiliginde merkezi nokatdan tagtanyň daşyna tarap hereket edip başlaýarlar. Oýna gatnaşyjylar öz ulitkasynyň adyny tutup, ýanyna çagyrýarlar. Şeýlelikde, halkalardan geçip, haýsysy birinji gelse, şol hem ýaryşyň ýeňijisi bolýar. Ýaryşda ikinji we üçünji orny eýelänler hem hasaba alynýar. 1995-nji ýylda Arçi atly ulitka 2 minutda pellehana gelip, dünýä rekordyny goýdy. Arçi häzirki wagta çenli iň çalt ulitka bolmagynda galýar. Şu ýyl 8-nji iýulda Kongam obasynyň kriket klubynda geçirilen «Ulitka ýaryşy boýunça Dünýä çempionatyna» Nikolas Dikson eminlik edip, Ewi atly ulitka ýeňiji boldy. Haýal jandarlaryň bu ýylky ýeňijisi 7 minut 24 sekuntda pellehana gelmegi başardy.




Labirint



Origami



Sanlary birleşdiriň we şekili reňkläň!



# Ýylyň iň köp girdeji gazanan 10 filmi

Ýylyň deň ýarysyndan gowragy tamamlanyp, 2023-nji ýylyň ilkinji 6 aýynda görkezilen filmlere seredenimizde, iň köp girdeji gazanan ekran eseri «Doganlar Super Mario filmi» (The Super Mario Bros. Movie) atly animasiýa boldy. «Nintendo»-nyň meşhur wideo oýny esasynda ekranlaşdyrylan multfilmiň býujeti 100 million dollar bolup, ol 1 milliard 343 million dollarlyk kassa ýygymyny toplady. Başgaça aýdylanda, bu ekran eseri ýylyň, häzirlikçe, girdejisini 1 milliard dollardan geçiren ýeke-täk kinosy boldy. Ol «Şa ýolbars» (The Lion King) hem-de «Doňaklyk 2» (Frozen II) multfilmlerinden soň, ähli döwürleriň iň girdejili 3-nji animasiýasy hökmünde hasaba alyndy. Ýeri gelende bellesek, häzirki wagta çenli 11 animasiýanyň kinoteatrlardan ýygnany 1 milliard dollardan geçdi. «Doganlar Super Mario filmi» animasiýasynyň häzirki wagtda-da görkezilýän ýerleri bolup, ol girdejisini artdyrmagyny dowam edýär.



Ýylyň iň köp girdejili 2-nji ekran eseri «Galaktikanyň goragçylary – 3» (Guardians of the Galaxy Vol. 3) filmi bolup, kinoteatrlarda görkezilmegi dowam etdirilýän kino 2 aýdan gowrak wagtda 842 million dollara golaý kassa ýygymyny toplady. Bu ugurda 3-nji orny «Forsaž – 10» (Fast X) filmi eýeleýär. 340 million dollar çykdajy edilip, dünýäniň iň gymmat kinolarynyň hatarynda görkezilýän ekran eseriniň toplan ýygymy 722 million dollara deňdir.

Özboluşlylygy bilen tapawutlanýan «Möý adam: möý älemine geçiş» (Spider-Man: Across the Spider-Verse) animasiýasy 643 million dollara golaý girdejisi bilen sanawda 4-nji orunda barýar. 5-nji basgançakda «Disney»-iň animasiýalary janly filme öwürmek maksatnamasynyň çäginde ekranlaşdyrylan «Kiçi suw perisi» (The Little Mermaid) kinosy bolup, ol ekran eseri ýarym milliard dollardan köp kassa ýygymyna eýelik edýär (542 million dollar). «Marvel»-iň, şol sanda «Disney»-iň başga bir ekran eseri «Garynja adam we ary: Kwantomaniýa» (Ant-Man and the Wasp: Quantumania) filminiň gazanjy ýarym milliard dollara golaýlap barýar we ol sanawda 6-njy ýeri eýeleýär. 7-nji ýerdäki filmiň ady «Jon Wik – 4» (John Wick: Chapter 4) bolup, bu uruşly film häzire çenli 432 million dollardan gowrak girdeji toplamagy başardy. Gazanjyny 400 million dollardan (408 million dollar) geçiren ýene bir film «Transformerler: nägehanlaryň ýokary galmagy» (Transformers: Rise of the Beasts) 8-nji basgançakda orun aldy.

Garaşylyşyndan juda pes netije görkezen «Fleş» (The Flash) filmi hem-de «Elementler» (Elemental) animasiýasy-da degişlilikde, 262 we 252 million dollarlyk girdejileri bilen ilkinji onlugy jemleýärler.

Ýokarda ady agzalan filmleriň ählisi hem «Hollywood»-yň, ýagny ABŞ-nyň önümleri bolup, tutuş dünýädäkini hasaba alanymyzda, ilkinji onluga Hytaý filmleriniň 3-si goşulýar. Meşhur režissýor Çžen Imounyň «Durşuna gyzyl derýa» (Full River Red) atly täze kinosy 673 million dollar toplady. Film umumy sanawda 4-nji orny eýeleýär. «Elekçelek Ýer – 2» (The Wandering Earth 2) atly ylmy-fantastik film hem 604,4 million dollarlyk girdeji gazandy. Geçen aýyň 22-sine kinoteatrlarda görkezilip başlanan «Ýyldyzlaryň içinde ýitmek» (Lost in the Stars) filmi-de 457 million dollara golaýlap barýan gazanjy bilen ilkinji onluga girmegi başardy. Bu ekran eseri Alekseý Korenewiň 1990-njy ýylda fransuz ýazyjysy Robert Tomasyň «Ýalňyz adam üçin duzak» (Piege Pour un Homme Seul) atly eserine salgylanyp, surata düşüren ekran eseri esasynda taýýarlandy.



# Teýlor Swift rekord goýdy

Amerikaly meşhur aýdymçy zenan Teýlor Swift täze rekord goýdy. «Grammy» baýragynyň eýesi Swift häzirki wagtda ABŞ-nyň dürli şäherlerinde «Eras» konsert turlarynyň çäginde çykyş edip gelýär. Şol turuň dowamy hökmünde geljek ýyl Ýewropanyň dürli şäherlerinde konsert bermekçi bolýan Swiftiň 2019-njy ýylda çykaran «Lover» atly albomyndaky «Cruel Summer» atly aýdymy iň köp diňlenen aýdymlaryň 10-lugyna girdi. Bu onuň ilkinji 10-luga giren 41-nji aýdymy bolup, ol bu ugurda Drake-den soň 2-nji ýerde barýar (68 aýdym). Madonna (38), The Beatles (34), Rihanna (32) hem-de Maýkl Jekson (30) öňdäki orunlary eýeleýän beýleki meşhur ýyldyzlardyr. Şunlukda, Teýlor Swift ilkinji 10-luga iň köp aýdymy giren zenan aýdymçy hökmünde adyny taryha altyn harplar bilen ýazdyrdy.



Swift awgust aýynda Meksikada başlajak «Eras» konsert tury halkara tapgyrynyň çäginde geljek ýylyň fewralyndan soň Ýaponiýadyr Awstraliýada hem-de Singapurda janköýerlerini begendirer. Ol geljek ýylyň 9-njy maýynda Parižde başlajak Ýewropa turunyň çäginde 26 ýerde konsert berer. Diňe Angliýada 7 ýerde konsert berjek Swift Dublin, Amsterdam, Sürih, Milan, Gelsenkirhen, Hamburg, Münhen, Warşawa hem-de Wena şäherlerinde özüniň iň gowy aýdymlary bilen çykyş eder. Onuň Ýewropadaky konsert tury geljek ýylyň awgustynda Londondaky «Wembley» stadionyndan tamamlanar.

## ÝEWROWIDENIÝÄNIŇ GEÇIRILJEK ŞÄHERI MÄLIM EDILDI

● Ýewropa ýurtlarynyň aýdymçylarynyň arasynda geçirilýän Ýewrowideniýe aýdym bäsleşiginiň geljek ýyl nirede guraljakdygy belli boldy. Bu ýyl Angliýanyň Liwerpul şäherinde geçirilen ýaryşda şwesiýaly aýdymçy Loreen «Tattoo» atly aýdymy bilen ýeňiş gazanypdy we Şwesiýa ýaryşy guramaga hukuk gazanypdy. Bäsleşik geljek ýyl Şwesiýanyň iri şäherleriniň biri bolan Malmö şäherinde guralar. Ýaryşyň ýarym final tapgyry 2024-nji ýylyň 7-nji we 9-njy maýynda, final tapgyry-da 11-nji maýda geçiriler.




# Täze film

**Ady:** «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa: ölümli hasaplaşyk birinji bölüm» (Mission: Impossible  Dead Reckoning Part One); **Režissýory:** Kristofer MakKuarri; **Keşplerde:** Tom Kruz, Haýli Atwell, Wing Rames, Saýmon Pegg, Rebekka Ferguson, Wanessa Kirbi, Henri Çerni; **Ssenariçi:** Kristofer MakKuarri, Erik Jendresen (Brýus Gelleriň «Mission: Impossible» atly eseri esasynda); **Prodýuseri:** Tom Kruz, Kristofer MakKuarri; **Kompozitory:** Lorne Balfe; **Öndüriji:** «Skydance», «TC Productions»; **Paýlaýjy:** «Paramount Pictures»; **Dowamlylygy:** 163 minut; **Görnüşi:** uruşly; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 291 million $.



Ilkinjisi 1996-njy ýylda ekranlara çykan «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa» filmleriniň 7-njisi tutuş dünýäde kinoteatrlara ýaýradyldy. Sahnalary dublýorsyz ýerine ýetirýändigi bilen meşhurlyga eýe bolan ussat aktýor Tom Kruzuň baş keşpde çykyş edýän «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa  7» kinosyny 5-nji filmden başlap, kameranyň arkasyna geçen Kristofer MakKuarri surata düşürdi. Film Dubaýda, Abu-Dabide, Rimde, Wenesiýada ekranlaşdyrylyp, Itan Hant täze wakalary başdan geçirýär. 291 million dollar býujetli filmde Tom Kruzdan başga-da Haýli Atwell, Saýmon Pegg, Rebekka Ferguson, Wanessa Kirbi ýaly tanymal artistler dürli keşpleri ýerine ýetirdi. Filmiň dowamy-da «Ýerine ýetirip bolmajak missiýa: ölümli hasaplaşyk ikinji bölüm» ady bilen 2025-nji ýylda ekranlara çykar.

# Baş keşplerde surata düşjekler saýlandy

Kino sungatynyň iň uly studiýalarynyň biri bolan «Disney» kompaniýasy ozalky animasiýalaryny janly filme öwürmegini dowam etdirýär. Studiýanyň indiki taslamasy «DreamWorks» kompaniýasynyň «Aždarhany nädip eldekileşdirmeli?» animasiýasynyň janly filmi bolar. Kressida Kowelliň adybir eseri esasynda ekranlaşdyrylan animasiýanyň janly film görnüşinde baş gahrymanlaryň keşbini ýerine ýetirjekler mälim edildi. Täze filmde Hikkup gahrymanyny Meýson Tames, Astridi bolsa ýaş aktrisa Niko Parker janlandyrar. Filmiň ssenarisini «Aždarhany nädip eldekileşdirmeli?» animasiýalaryny (3 sany) surata düşüren režissýor Din DeBlos ýazar. Galan maglumatlar bolsa öňümizdäki günlerde mälim ediler.



# «Narniýanyň gündelikleri» filmlerine režissýorlyk eder

Şu aýyň dowamynda ekranlara çykjak «Barbie» filminiň režissýory Greta Gerwig indiki taslamasy barada belläp geçdi. Zenan režissýor «Narniýanyň gündelikleri» atly meşhur erteki esasynda 2 filmi surata düşürmek üçin «Netflix» bilen şertnama baglaşdy. Si. Es. Lýuwisiň meşhur eseri esasynda 2005-2010-njy ýyllar aralygynda 3 film surata düşürilipdi. Şol filmler prokatdan 1,58 milliard dollarlyk girdeji ýygnapdy. 39 ýaşyndaky Greta Gerwig «Ledi Börd», «Kiçi zenanlar» filmleri bilen uly meşhurlyk gazanypdy.




**Oýnuň şerti:** 1 çöpüň ýerini üýtgetmeli.



## 20-nji SKANWORD



- Her niçik-de bolsa, mahlasy
- Horlanan, arryklan
- Sapaly durmuş, hözir
- Adatça nahar iýilýän uly käse
- Gasyn-gasyn görnüşde bolan kiçi garyn
- Syýahat, gezelenç (köne söz)
- Günorta Afrikada bir döwlet
- Italiýanyň futbol topary
- «Ilim-günüm bolmasa, ...-günüm dogmasyn» (nakyl)
- Bezeg, serenjam
- Jemgyýetçilik birleşigi
- Käse
- Wäşi, degişgen
- Deriden ýa-da başga materiallardan tikilip, aýaga geýilýän gap
- «... agajy egmegin, degmedige degmegin» (nakyl)
- Tagamly, lezzetli
- Bugdaý, arpa saklanýan jaý
- Metaldan ýasalan syrçaly ýa-da syrçasyz gap
- Kanadaly aktýor ... Hýo Sop
- Hindi derejesi
- Merkezi we Gündogar Afrikanyň tropik tokaýlarynda ösýän gara agajyň bir görnüşi
- Belli, meşhur
- Gurluşyk tehnikasy
- Hat, ýazgy (köne söz)



## 31-nji KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Özüňden uly erkek dogan. **2.** Ýylanyň äpet görnüşi. **3.** Daňdan, ir ertir. **4.** Aziýanyň günorta-günbatarynda bir döwlet. **5.** Braziliýaly ýazyjy Jorji .... **6.** Ýurdumyzda syýahatçylyk zolagy. **7.** Gündelik metbugatyň, gazetiň, žurnalyň jogapkär ýolbaşçysy. **8.** «Howa» sözüniň iňlisçesi. **11.** Ir bişýän ak üzüm. **12.** Uzyn tikenli süýdemdiriji jandar. **13.** Süýji bolmadyk. **14.** «Altyn gozada aş gördüm» (matal). **15.** Ýapragy ýüpek gurçuklaryna berilýän agaç. **16.** Awtoulagyň sürüjisine grafiki we ses maglumatlary berýän tehniki enjam. **18.** Kompýuteriň maglumatlara jogap berýän bölegi. **27.** Ýewropada bir döwlet. **29.** Iň uzyn derýalaryň biri **31.** ...-dessur. **32.** Her dürli çig mal serişdeleri. **38.** Alp Arslanyň körpe ogly. **39.** Gurak ýel, jöwza. **40.** Türkiýeli aktrisa Hülýa .... **41.** Kül-.... **43.** Edeplilik, sypaýylyk. **45.** Ýyl hasabynyň başlanan wagty.

● **KESELIGINE:** **1.** Dynç alynýan wagt. **5.** «Çopan adam çoka bolmaz, ... oka gelmez» (nakyl). **9.** Ýaz paslynyň başlanýan wagty. **10.** Dürli-dümen reňkli, ala. **11.** Telefonda gürleşilende ilkinji aýdylýan söz. **12.** Maýmynyň bir görnüşi. **17.** Mukdary boýunça kän. **19.** Amerikaly aktýor ... Kennon. **20.** Wada, äht. **21.** Balygyň bir görnüşi. **22.** Iş başarmaýan. **23.** Ümlük. **24.** ...-satuw. **25.** Metr ölçeg birliginde 1000 kub/sm barabar göwrüm we şol ölçegdäki suwuklyk. **26.** Atyň bir görnüşi. **27.** Düwme, sadap. **28.** «Bal süýji, baldan ... süýji» (nakyl). **30.** ...-Tanura Saud Arabystanynyň bir şäheri. **31.** Mukdar san. **33.** Himiki element. **34.** Aýdym-saz sungatynyň bir žanry. **35.** Uklaman ýatan, uklamadyk. **36.** Koreýa Respublikasynyň awtoulag kompaniýasy. **37.** Hökümdar, patyşa. **42.** Altyn, tylla (köne söz). **43.** Lingiwistikanyň bir bölümi. **44.** Galmagalçy, gykylykçy. **46.** Guýrugy uzyn, reňki ala, gargalar maşgalasyndan bolan guş. **47.** Gadymy hindi dessany.

**30-njy krosswordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Ý | A | N | S | Z | Y | | A | | T | A | Ý | P | A | R |
| | T | | Y | | Ş | U | G | L | A | | A | | N | |
| J | Y | R | R | Y | K | | Y | | R | A | K | E | T | A |
| E | | I | | S | | | M | | | K | | R | | T |
| L | A | M | I | N | A | T | | P | A | Ý | A | K | E | Ş |
| E | | | | A | | O | | I | | A | | | | Y |
| G | | H | A | T | Y | R | J | E | M | L | I | K | | N |
| A | K | | | | Z | | O | | I | | | | H | A |
| Ý | | D | E | M | A | R | K | A | S | I | Ý | A | | S |
| | S | A | L | | | | R | | | | A | S | Y | |
| | | | B | | Ş | | A | | A | | B | | | |
| M | | G | A | R | A | Ş | M | A | K | L | Y | K | | U |
| Y | K | | | | R | | A | | J | | | | O | M |
| J | | Ý | A | L | L | A | K | L | A | M | A | K | | M |
| A | | | | E | | Ý | | E | | A | | | | A |
| B | A | L | A | T | O | N | | K | A | R | A | K | A | S |
| A | | A | | D | | | E | | | K | | E | | Y |
| T | E | L | P | E | R | | P | | Ç | A | P | R | A | Z |
| | R | | E | | E | B | E | D | I | | E | | Ý | |
| G | A | L | L | E | Ý | | Ý | | T | E | R | B | A | Ş |

**19-njy skanwordyň jogaby:**

| | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | L | | A | | O | | A | | M | E | K | S | I | K | A |
| | | | | Ý | E | R | T | U | D | A | N | A | | Ý | | T | | Ü | |
| | | | | | B | | G | | D | | B | | A | Ý | P | A | L | T | A |
| | | | | H | A | L | Y | | A | B | A | T | | A | | R | | E | |
| | K | | B | | P | A | R | H | | A | R | I | F | M | E | T | I | K | A |
| S | Y | N | A | G | | Ç | | E | Ý | R | | F | A | | Ý | | D | | L |
| | R | | H | A | M | Y | R | M | A | Ý | A | | Ý | E | L | | S | E | A |
| Y | K | R | A | R | | N | | M | | E | P | A | | B | E | G | E | N | Ç |
| | B | | N | A | M | | D | E | P | R | E | K | | L | | R | | E | |
| Ý | O | D | A | | A | B | U | | | | | Y | Ş | A | R | A | T | | Ş |
| | G | | S | E | K | I | Z | | | | | | I | | O | M | E | G | A |
| G | U | Ý | Y | | U | N | A | | | | | E | N | E | M | | M | O | R |
| | N | | Z | O | L | A | K | | | | | | E | | A | L | A | Ç | A |



Sahypany taýýarlan Täjigözel HAÝDAROWA.

# TRANSFER TÄZELIKLERI






● Aşaky liga düşen «Lester Siti» topary 2 futbolçy transfer etdi. Tilkiler lakamly klub «Premier Liganyň» wekili «Wulwerhempton» toparynyň 30 ýaşly goragçysy Konor Koudini 8,5 million hem-de «Tottenham» toparynyň 27 ýaşly ýarymgoragçysy Harri Winksi 10 funt sterlinge düzümine goşdy. Angliýaly iki oýunçy-da täze kluby bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdylar. Koudi geçen möwsüm «Ewertonda» kärendesine çykyş edip, 24 oýunda meýdança çykypdy. 2014-nji ýyldan bäri «Tottenham» toparynda çykyş edip gelýän Winks londonlylaryň düzüminde geçen möwsüm «Sampdoriýada» kärendesine oýnady. Ol «Tottenhamda» 203 duşuşyk geçirdi.

* * *

● Angliýanyň «Premier Ligasynyň» wekili «Tottenham» topary ysraýylly ýarymgoragçy, winger Manor Solomony erkin agent ýagdaýynda transfer etdi. Londonlylar 23 ýaşyndaky Solomon bilen 5 ýyllyk ylalaşyga gol çekişdi. «Şahtýor Donesk» toparynyň futbolçysy geçen möwsümde «Fulhamda» kärendesine çykyş etdi. Ol Londonyň başga bir kluby bolan «Fulhamda» 24 oýunda 5 gol geçirdi. «Tottenham» Solomondan öňem italiýaly derwezeçisi Gulielmo Wikariony



hem-de iňlis ýarymgoragçysy Jeýms Meddisony transfer edipdi.

* * *

● «Arsenalyň» esasy ýarymgoragçylaryndan şweýsariýaly Grant Džaka karýerasyny «Bundesligada» dowam etdirer. 30 ýaşyndaky oýunçy 7 ýyldan soň «Bundesliga» dolanyp, ol «Baýer» topary bilen 5 ýyllyk şertnama gol çekişdi. Lewerkuzenliler Džakanyň transferi üçin iňlis klubuna 25 million ýewro tölär. Džaka «Arsenalda» 297 duşuşykda 23 pökgini derwezä girizdi. Ol «Arsenaldan» öň «Borussiýa M» toparynda oýnapdy. Džaka täze klubunda 34-nji belgili köýnekçäni geýer.

* * *

● Niderlandlaryň PSW topary Belgiýanyň «Klub Brýugge» klubundan ýarymgoragçy Noa Langy düzümine goşdy. Eýndhowenliler 24 ýaşyndaky futbolçynyň transferi üçin brýusellilere 15 million ýewro berer.



Lang täze kluby bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşar. «Aýaksyň» ýaşlar düzüminde kemala gelen Noa Lang «Klub Brýuggede» 3 möwsümde 125 duşuşykda 38 gol geçirdi.

* * *

● Ispaniýaly gapdal goragçy Sezar Azpilikueta 13 ýyldan soň ýurduna dolandy. 11 ýyllyk «Çelsidäki» baş-



dan geçirmesini tamamlan 33 ýaşyndaky futbolçy «Atletiko Madrid» bilen 1 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Çelside» 11 ýylda 508 oýunda 17 gol geçiren Azpilikueta ondan öňem Fransiýanyň «Marsel» klubunda 1 ýyl çykyş edipdi. Azpilikueta futbola «Osasunada» başlapdy.

* * *

● Ispaniýanyň «Atletiko Madrid» kluby Urugwaýyň «Rasing» toparyndan goragçy Alwaro Santiago Mourinio Gonsalesi transfer etdi. Madrid şäheri 21 ýaşly goragçy bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Oýunçynyň transfer bahasy barada taraplar dil ýarmady. Mourinio geçen möwsümde Urugwaýyň çempionatynda 14 duşuşykda meýdança çykdy.

* * *

● Fransiýanyň «Renn» topary «Loriýanda» çykyş edýän 23 ýaşyndaky ýarymgoragçy Enzo Le Feni transfer etdi. «Renn» topary 25 milli-



on ýewro transfer eden oýunçysy bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Fransiýanyň U-21 ýygyndysynda çykyş edýän Le Fe Loriýanda 5 möwsümde 142 oýunda 8 gezek tapawutlandy. Ol täze klubunda 28-nji belgili köýnekçäni geýer.

* * *

● Çilili meşhur ýarymgoragçy Ar-



turo Widal Braziliýanyň «Flamengo» toparyndan «Atletiko Paranaense» toparyna transfer boldy. 36 ýaşyndaky tejribeli futbolçy täze kluby bilen şu ýylyň ahyryna çenli şertnama baglaşdy. Widal karýerasyna ýurdunyň «Kolo-Kolo» toparynda başlap, Ýewropanyň «Baýer», «Ýuwentus», «Bawariýa», «Barselona», «Inter» ýaly öňdebaryjy klublarynda çykyş etdi.

# Arap klublarynyň täze tälimçileri



● Horwatiýaly tanymal tälimçi Slawen Biliç hem Saud Arabystanynyň çempionatyna goşuldy. 54 ýaşyndaky tälimçi «Al-Fateh» toparynyň tälimçiligine bellenip, şertnamanyň möhleti häzirlikçe mälim edilmedi. Al-Ahsa welaýatynyň kluby 2013-nji ýylda çempionlyk gazanypdy. «Haýduk Split» toparynda tälimçilige başlan Biliç Saud Arabystanynda öňem işläpdi. Ol 2018/19 möwsüminde «Al-Ittihad» toparyna tälim beripdi. Biliç karýerasy boýunça Horwatiýanyň milli ýygyndysynyň, şol sanda, «Lokomotiw Moskwa», «Beşiktaş», «West Ham», «West Bromwiç», «Beižing Guoan» hem-de «Watford» klublarynyň tälimçisi boldy.




● Portugaliýaly super ýyldyz Kristiano Ronaldonyň çykyş edýän kluby «Al-Nassr» toparynyň täze tälimçisi belli boldy. Er-Riýadlylar 61 ýaşyndaky portugaliýaly Luiş Kaştrony toparyň täze tälimçisi edip belledi. Öz ýurdunyň ençeme klubuna tälim beren Kaştro «Porto», «Şahtýor Donesk», «Al-Duhail» (Katar) toparlarynyň tälimçisi wezipesinde işledi. Soňky sapar Braziliýanyň «Botafoga» toparynyň tälimçisi bolan Kaştro «Şahtýora» 2019/20 möwsüminde Ukrainanyň çempionlygyny gazandyrypdy.



**Mutu «Neftçiniň» tälimçisi boldy**

● Bir döwürleriň meşhur futbolçysy, «Inter», «Çelsi», «Ýuwentus», «Fiorentina» ýaly klublaryň köýnekçesini geýen rumyniýaly Adrian Mutu Azerbaýjanyň belli topary «Neftçiniň» tälimçiligine bellendi. 44 ýaşyndaky hünärmen Baku şäheriniň futbol kluby bilen 2 ýyllyk şertnama baglaşdy. Futbolçylyk karýerasynyň soňky ýyllary gopgunly geçen Mutu tamamlanan möwsümde Buharest şäheriniň «Rapid» toparyna tälim beripdi.

# Milinkowiç-Sawiç hem Saud Arabystanynda

Italiýanyň «Lasio» klubunyň serbiýaly ýarymgoragçysy Sergeý Milinkowiç-Sawiçiň ady her transfer möwsüminde «Mançester Ýunaýted», «Çelsi», «Milan», «Ýuwentus», «Barselona» ýaly klublar bilen agzalýardy. «Milan», «Ýuwentus», «Mançester Ýunaýted» toparlary 28 ýaşyndaky ýyldyz oýunçyny transfer etmäge hem golaýlapdylar. Ine-de, Milinkowiç-Sawiç ahyry klubuny üýtgetdi. Ýöne ol ýokarda ady agzalan klublaryň hiç birine-de geçmedi. Serbiýaly futbolçy käbirleriniň belleýşi ýaly karýerany däl-de, puly saýlady. Sergeý Milinkowiç-Sawiç soňky döwrüň täze ýörelgesine eýerdi. Ýagny ol Saud Arabystanynyň klublaryna transfer boldy. Ýyldyz futbolçy «Al-Hilal» toparynyň düzümine goşuldy. Arap kluby bu transfer üçin italýan klubuna 40 million ýewro berer. Oýunçynyň özüne-de ýyllyk 20 million ýewro hak tölär. Ol täze kluby bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Milinkowiç-Sawiç 2015-nji ýyldan bäri «Lasionyň» düzü-



minde çykyş edip gelýärdi. Ol 341 oýunda 69 gol geçirip, 59 goluň pasyny berdi. Milinkowiç-Sawiçiň täze toparyna portugaliýaly Horge Hesus tälimçi bellenilipdi. Topar portugaliýaly Ruben Neweşi hem-de senegally Kalidi Kulibalini transfer edipdi.

# FIFA ofsaýda täze düzgün girizer

**FIFA futbolyň iň jedelli düzgüni bolan ofsaýda, ýagny oýundan daşarky ýagdaý düzgünine uly täzelik girizmekçi bolýar. Häzirki wagtda aglaba VAR-yň kömegi bilen kesgitlenilýän ofsaýd düzgüninde mundan soň jedelli pursatlaryň azalmagyna garaşylýar. Futbola düzgünleri girizýän guramanyň IFAB-yň teklibi esasynda futbolçynyň tutuş bedeni (göwresi) goragçydan öňde bolsa ofsaýd berler. Şu günki günde egniň, dyzyň, hatda, kähalatlarda bolsa millimetrlik tapawutlar bilen hem ofsaýdyň berilýän pursatlary bolýar. Ýagny mundan soň diňe dyzyň, egniň öňdeligi üçin ofsaýd berilmez.**

**Täze düzgün ilkibaşda 3 ýurtda – Italiýadyr Şwesiýanyň, şol sanda Niderlandlaryň aşaky ligalarynda bir ýyl möhlet bilen synag ediler. Eger-de synag şowly geçse, onda FIFA bu täze ofsaýd düzgünini dünýä futbolyna girizer.**




# 20-nji Dünýä çempionaty

Şu gün Ýaponiýanyň Fukuoka şäherinde suw sportlary boýunça 20-nji Dünýä çempionatyna badalga berler. 30-njy iýula çenli dowam etjek çempionata 2000-den gowrak türgen gatnaşar. Olar suw sportunyň 6 görnüşi (ýüzmek, açyk suwda ýüzmek, sinhronlaýyn ýüzmek, suwa bökmek, haý-daýwing, woterpol) boýunça bäsleşerler. Çempionatyň dowamynda 75 bäsleşik geçiriler. Çempionatyň 1-nji hepdesinde açyk suwda ýüzmek, suwa bökmek, sinhronlaýyn ýüzmek, woterpol ýaryşlary, 2-nji hepdesinde-de adaty ýüzmek hem-de haý-daýwing ýaryşlary guralar. Çempionat şäherdäki 4 desgada geçiriler.

FUKUOKA 2023 WORLD AQUATICS CHAMPIONSHIPS


TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK»
PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

**Bagtyýar zamanamyzyň hormatly işewürleri!**

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky işewürlere hasaplaryny döwrebap we ýönekeýleşdirilen usulda dolandyrmaga mümkinçilik berýän **«Internet-banking»** hyzmatyny hödürleýär.

Bu hyzmat bilen ýurdumyzyň islendik künjeginden internede birikdirilen enjam arkaly:

- ✓ *Bank hasaplarynyň galyndysyny barlamak we hasaplaryň göçürmesini almak;*
- ✓ *Satyn alnan harytlar we ýerine ýetirilen hyzmatlar üçin hasaplaşyklary geçirmek;*
- ✓ *Alnan karz serişdelerine gözegçilik etmek;*
- ✓ *Bank bilen onlaýn tertipde habarlaşmak, maglumat alyşmak we beýleki bank hyzmatlaryndan peýdalanmak ýaly dürli görnüşli bank amallaryny özbaşdak ýerine ýetirip bilersiňiz.*

**«Internet-banking»** hyzmatyny birikdirmek isleseňiz Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz.

Işewürler tarapyndan degişli resminamalar doldurylandan soňra, bankdan alnan ulanyjyjynyň adyny we açarsözüni ýörite internet-sahypadaky salgylanma girizip, bu hyzmatdan peýdalanyp bilersiňiz.

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň **«Internet-banking»** hyzmaty Size serişdeleriňizi günüň islendik wagtynda ýgtybarly dolandyrmaga we wagtyňyzy tygşytlamaga ýardam berer.

***Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz: 44-49-60, 44-48-43, 44-48-36.***

***www.halkbank.gov.tm***

**«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!**



